**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– HÄZIRKI WAGTDA TÜRKMENISTAN DÜNÝÄ DÖWLETLERI BILEN ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGY YZYGIDERLI ÖSDÜRÝÄR, ÝER ÝÜZÜNDE PARAHATÇYLYGY, DOST-DOGANLYGY HAS-DA PUGTALANDYRMAK UGRUNDA GIŇ GERIMLI IŞLERI AMALA AŞYRÝAR.**


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

2-nji iýun, 2023. Belgisi 22/1536




## HYZMATDAŞLYGYŇ GELJEGI ULY UGURLARY

**29-njy maýda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we müdiriýetiniň başlygy Jong Won-juny kabul etdi.**

Işewür döwlet Baştutanymyza mähirli kabul edilendigi hem-de ikiçäk söhbetdeşlikde hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, özüniň ýolbaşçylyk edýän kompaniýasynyň oňyn özgertmeler ýoly bilen ynamly öňe barýan hem-de durmuş-ykdysady ösüşde üstünlik gazanan ýurdumyz bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy giňeltmäge uly gyzyklanma bildirýändigini tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz myhman bilen mähirli görşüp, Türkmenistanyň Koreýa Respublikasy bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berýändigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz türkmen-koreý hyzmatdaşlygynyň ähli ugurlar boýunça okgunly ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Biziň ýurtlarymyz syýasy-diplomatik ulgamda netijeli hyzmatdaşlyk edýärler, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlardaky köp ýyllaryň dowamynda ýola goýlan gatnaşyklara netijeli häsiýet mahsusdyr. Soňky döwürde, şeýle-de tutuşlygyna döwletara gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam berýän parlamentara dialog täze ösüşe eýe boldy.

Duşuşygyň dowamynda «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň ýolbaşçysynyň biziň ýurdumyza şu gezekki saparynyň türkmen kärdeşleri bilen anyk netijeleriň gazanylmagyna gönükdirilen hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlary boýunça pikir alyşmak üçin oňyn mümkinçilik açjakdygyna ynam bildirildi. Şunuň bilen baglylykda, iri koreý kompaniýalarynyň türkmen bazarynda üstünlikli işleýändikleri, iri taslamalaryň, şol sanda gaz we himiýa senagatynda taslamalaryň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýandyklary bellenildi. Şunda mundan beýläk-de netijeli hyzmatdaşlyk, täze ugurlara çykmak üçin uly kuwwatyň bardygy nygtaldy. Munuň özi Türkmenistanda ykdysady, senagat ulgamynda durmuşa geçirilýän toplumlaýyn maksatnamalar, şeýle hem işewürlik gatnaşyklaryny giňeltmek üçin döredilen mümkinçilikler bilen şertlendirilendir.

Himiýa senagaty hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenildi. Bu pudagy ösdürmegiň milli strategiýasy ýerli çig malyň netijeli peýdalanylmagyna, içerki we daşarky bazarlarda uly islege eýe bolan ýokary hilli önümleriň öndürilmegine gönükdirilendir. Şunda innowasion häsiýetli enjamlaryň netijeli peýdalanylmagyna, ekologiýa kadalaryň berk berjaý edilmegine aýratyn üns berilýär. Türkmenistan ylmyň we tehnikanyň ýokary gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagyna uly gyzyklanma bildirýär. Şeýle hem maýa goýum işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin täze mümkinçilikler açylýar.

«Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň arasynda bu ugurda ýola goýlan netijeli gatnaşyklar üstünlikli hyzmatdaşlygyň oňyn mysaly hökmünde görkezildi. Türkmenistanyň himiýa senagatyny ösdürmek, hususan-da, fosfor, ammiak hem-de karbamid dökünlerini öndürmek boýunça taslamalary düzmek we olary gurmak boýunça koreý hyzmatdaşlarynyň tekliplerine garamaga taýýardygy bellenildi. Ýaýbaňlandyrylan düýpli özgertmeleri nazara almak bilen, koreý kompaniýalarynyň «akylly» şäherleri gurmak hem-de olary dolandyrmak, ýokary tehnologiýalary ulanmak boýunça toplan öňdebaryjy tejribesi, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri ulgamynda gazananlary biziň ýurdumyzda uly gyzyklanma döredýär. Mundan başga-da, Türkmenistan nebitgaz pudagynda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň esaslandyryjysy we onuň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju ikitaraplaýyn özara bähbitli işewür hyzmatdaşlygyň geljekde-de uzak möhletleýin esasda üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

## TÜRKMEN-EÝRAN GATNAŞYKLARY PUGTALANÝAR

***30-31-nji maýda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynda iş saparynda boldy.***



30-njy maýda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Syýasy maksadalaýyklyk geňeşiniň Başlygy Sadek Amoli Larijani we Eýran Yslam Respublikasynyň Yslam Şurasy Mejlisiniň Başlygy Mohammed Bager Galibaf bilen duşuşdy.

Soňra «Saadabad» toplumynyň «Jumhuri» köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisi bilen duşuşygy boldy.

Duşuşygyň dowamynda söhbetdeşler häzirki wagtda döwletara syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň ýokary derejä çykarylandygyny bellediler. Iki döwletiň Baştutanlarynyň özara saparlary we olaryň çäklerinde geçirilýän duşuşyklardyr gepleşikler, hususan-da, Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 15-nji ýubileý sammitine hem-de 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda altynjy Hazar sammitine gatnaşmak üçin Türkmenistana amala aşyran iş saparlary, şeýle hem hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň geçen ýylyň 14-15-nji iýunynda Eýrana amala aşyran ilkinji resmi sapary munuň aýdyň subutnamasydyr. Bu özara saparlar hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine uly itergi berip, türkmen-eýran dost-doganlyk gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmaga ýardam berdi.

Taraplar halkara düzümleriň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini kanagatlanma bilen bellediler. Ýurtlarymyzyň dünýä ösüşiniň möhüm meseleleri boýunça birek-biregiň başlangyçlaryny we tekliplerini goldaýandygy aýratyn bellenildi. Şulardan ugur alyp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy halkara derejede has ýakyndan hyzmatdaşlyk etmegiň zerurdygyny belledi.

Türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda çykyş edýän söwda-ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrmagyň meseleleri içgin ara alnyp maslahatlaşyldy. Söhbetdeşler bu ulgamda netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belläp, gaz, elektroenergetika, ulag, suw pudaklaryny geljegi uly ugurlaryň hatarynda kesgitlediler. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurlarda gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilişi hem-de bilelikdäki täze taslamalary durmuşa geçirmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

### GIŇIŞLEÝIN DÜZÜMDE GEPLEŞIKLER GEÇIRILDI

Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň Hökümet wekiliýetleriniň agzalarynyň gatnaşmagynda geçirilen gepleşikleriň dowamynda häzirki wagtda dünýä giňişliginde bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlar hem-de Merkezi Aziýa sebitiniň barha artýan orny bilen baglylykda, sebit gün tertibiniň meseleleri boýunça pikir alşyldy. Bellenilişi ýaly, iki ýurduň geosyýasy taýdan amatly ýerleşmegi sebit derejesinde hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ýylsaýyn artýan gyzyklanmanyň ygtybarly binýady bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn gün tertibiniň möhüm meseleleriniň birine, hususan-da, sebitde howpsuzlygy we durnuklylygy üpjün etmek meselesine aýratyn üns berilýär.

Türkmenistan Merkezi Aziýada parahatçylygy, durnuklylygy gorap saklamak, goňşy Owganystanda parahatçylygy dikeltmek boýunça başlangyçlary öňe sürüp, olary amala aşyrmak boýunça anyk işleri alyp barýar. Hususan-da, Owganystanyň gatnaşmagynda energetika, ulag we kommunikasiýalar ýaly ugurlarda sebit we halkara taslamalaryň durmuşa geçirilmegine badalga berildi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Eýran Yslam Respublikasynyň Owganystanyň ykdysadyýetini dikeltmek ugrunda amala aşyrýan demir ýol gurluşygynyň uly ähmiýetini nygtap, infrastruktura taslamalarynyň diňe bir owgan tarapy üçin däl, eýsem, tutuş sebit üçin hem maýa goýum boljakdygyna ynam bildirdi. ■ 2



## TÜRKMENISTAN – bagtly çagalaryň ülkesi

Her ýylyň 1-nji iýunynda Çagalary goramagyň halkara güni dünýäniň köp ýurdunda giňden bellenilip geçilýär. Bu halkara baýramçylygy ilkinji gezek 1925-nji ýylda çagalaryň abadançylygyna bagyşlanan Bütindünýä konferensiýasynda kabul edilýär. Çagalar güni ilkinji gezek 1950-nji ýylda dünýäniň 51 ýurdunda bellenilýär. Çagalaryň meselelerine köpçüligiň ünsüni çekmek, bu halkara gününiň esasy maksady bolup durýar. 1-nji iýun bütin dünýäde ähli çagalara goýulýan hormatyň nyşany hökmünde bellenilýär. Çagalaryň hukuklary we azatlyklary bolsa, 1959-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Çaga Hukuklary Jarnamasynda öz beýanyny tapýar. ■ 3



## ULAG ULGAMY: täze mümkinçilikler we oňyn özgertmeler

Geografik taýdan örän amatly çäkde – Merkezi Aziýanyň üstünden geçýän sebit we sebitara gatnaw ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän Watanymyz ägirt uly ulag-üstaşyr kuwwata eýedir. Türkmenistanyň dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşulmagynda ulaglar pudagynyň goşandynyň uludygyny bellemek gerek. Soňky ýyllarda Diýarymyzda döwrebap awtomenziller, demir ýol we awtomobil köprüler guruldy. Aşgabat–Türkmenabat, Aşgabat–Türkmenbaşy ýokary tizlikli awtoulag ýollarynyň – awtobanlaryň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.

Uzynlygy 600 kilometre barabar bolan Aşgabat–Türkmenabat awtoulag ýolunyň gurluşygyna 2019-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda badalga berildi. ■ 3



## MEDENI DIPLOMATIÝA dabaralanýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň tagallasy bilen türkmen medeniýeti barha belende galýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan başy başlanan hem-de häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň yzygiderli tagallalary netijesinde üstünlikli durmuşa geçirilýän medeni gymmatlyklary gorap saklamak hem-de artdyrmak bilen bagly syýasat türkmen medeniýetiniň täze derejä çykarylmagyna we halkara giňişlikde Türkmenistanyň häzirki zaman keşbiniň berkarar bolmagyna uly itergi berdi. Şunuň bilen baglylykda, medeni diplomatiýanyň ösdürilmegine, şol sanda döredijilik forumlarynyň guralmagyna aýratyn orun degişlidir. ■ 3



### Dubaý ýene-de syýahatçylyk rekordyny täzeledi

2023-nji ýylyň birinji çärýeginde Dubaýyň myhmanhanalarynda azyndan bir gününi geçiren daşary ýurtly syýahatçylaryň sany 4,67 milliona deň boldy.

4

### Tomus üçin maslahatlar

Tomus paslynyň gelmegi bilen howanyň gyzgynlygynyň derejesi hem ýokarlanýar. Şol sebäpli tomsuna dogry iýmitlenmek we möwsüme görä egin-eşikleri saýlamak esasy şertleriň biri bolup durýar.



5



### 76-njy Kann film festiwaly tamamlandy

76-njy gezek geçirilen festiwalda baş baýraga fransiýaly režissýor Žýusten Trieniň filmi laýyk görüldi.

6

### Kanadanyň ýygyndysynyň 28-nji çempionlygy

Hokkeý boýunça Finlýandiýa bilen Latwiýada geçirilen 86-njy Dünýä çempionatynda Kanadanyň ýygyndysy çempion boldy.



7



### UEFA Ýewropa Ligasy: «Sewilýanyň» iň eý görýän ýaryşy

UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşy bolan Ýewropa Ligasynda 2022/23 möwsüminiň çempiony belli boldy.

8

# TÜRKMEN–EÝRAN GATNAŞYKLARY PUGTALANÝAR



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz bu taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde goňşy döwletlere aýratyn orun degişlidigini nygtap, bu ugurdaky işleri dowam etdirmegiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi.

Türkmenistanyň hem Eýranyň gatnaşyklarynda Hazar deňzi bilen baglanyşykly meselelere möhüm orun berilýär. Häzirki wagtda sebitde bolup geçýän geosyýasy ýagdaýlar sebit howpsuzlygyny pugtalandyrmakda bilelikdäki tagallalaryň işjeňleşdirilmegini talap edýär. Taraplar sebitiň döwlet Baştutanlarynyň 2022-nji ýylyň 29-njy iýunynda Aşgabatda geçirilen altynjy Hazar sammitiniň netijeleri boýunça gazanylan anyk ylalaşyklaryň möhümdigini bellediler. Şunuň bilen bir hatarda, Hazar basseýnininiň diňe bir syýasy däl, eýsem, ykdysady nukdaýnazardan hem ähmiýeti nygtaldy we bu ugurda hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin strategik mümkinçilikleriň bardygy aýdyldy.

Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk barada pikir alyşmalaryň çäklerinde taraplar haryt dolanyşygynyň artýandygyny bellediler. Muňa mysal hökmünde käbir görkezijiler getirildi. Şonuň bilen birlikde, bar bolan kuwwatlyklary hem-de bu ugurdaky hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin mümkinçilikleri doly hereketе getirmegiň zerurdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, gazyň eksport edilmegine we üstaşyr geçirilmegine, eksportyň we importyň artdyrylmagyna üns çekildi, ulag, elektroenergetika ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmek meseleleriniň çözgüdini işjeňleşdirmek teklip edildi.

Gaz alyşmak boýunça ýurtlarymyzyň arasynda gazanylan ylalaşyklaryň ähmiýetine aýratyn üns çekildi. Taraplar bu ugurda bilelikdäki tagallalary dowam etdirmegiň zerurdygyny bellediler.

Elektroenergetika hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen baglylykda, iki ýurdy birleşdirjek Mary–Maşat elektrik geçiriji ulgamyny çekmek boýunça işleri çaltlandyrmagyň möhümdigi barada aýdyldy. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan we Eýran ulag ugurlarynyň çatrygynda ýerleşýär. Munuň özi bu pudakda hyzmatdaşlygy giňeltmek hem-de ýük gatnawlaryny artdyrmak üçin uly mümkinçilikleri açýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri birnäçe anyk teklipleri, şol sanda Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýolunyň, Türkmenbaşynyň Halkara deňiz portunyň hem-de Hazar deňzindäki Eýranyň portlarynyň kuwwatlyklaryny netijeli peýdalanmak meselelerine degişli başlangyçlary beýan etdi.

Oba hojalygy hem döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi. Taraplar bu ulgamdaky netijeli hyzmatdaşlygyň köp ýyllaryň dowamynda dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgeleri esasynda alnyp barylýandygyny kanagatlanma bilen belläp, bu ugurdaky gatnaşyklaryň mundan beýläkde pugtalandyrylmalydygyny nygtadylar. Şunuň bilen birlikde, söwda, maýa goýum, senagat ýaly ulgamlarda gatnaşyklary çuňlaşdyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygy we bu ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin ähli mehanizmleri işjeňleşdirmegiň zerurdygy bellenildi. Bu işde Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-eýran toparyna aýratyn orun degişlidir.

Taraplar medeni-ynsanperwer gatnaşyklar barada aýdyp, Türkmenistanyň hem-de Eýranyň bu ulgamdaky netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berýändiklerini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, ylym-bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynda, sport, ekologiýa ugurlarynda, iki ýurduň welaýatlarynyň derejesinde hyzmatdaşlygy giňeltmegiň zerurdygy barada aýdyldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri 2024-nji ýylda türkmen halkynyň beýik ogly, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň giňden belleniljekdigini nygtap, bu şanly sene mynasybetli eýranly dostlar bilen döredijilik forumlarynyň guraljakdygyna ynam bildirdi.

### IKITARAPLAÝYN RESMINAMALARYŇ BIRNÄÇESINE GOL ÇEKILDI

Soňra ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasy boldy. Gol çekilen resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Energetika ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Energetika ministrliginiň arasynda elektroenergetika babatda hyzmatdaşlyk etmek hakynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama; Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda 2023-2024-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlyk etmek hakynda Maksatnama; Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Gümrük müdirliginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň geljekde çuňlaşdyrylmagy we giňeldilmegi boýunça bilelikdäki çäreleriň 2023-2024-nji ýyllar üçin Maksatnamasy; Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti bilen Maşat Lukmançylyk ylymlary uniwersitetiniň arasynda bilim we saglygy goraýyş ulgamlarynda hyzmatdaşlyk barada Ähtnama; S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti bilen Gürgen Oba hojalyk ylymlary we tebigy serişdeler uniwersitetiniň arasynda bilim babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Şeýle hem Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň arasyndaky Bilelikdäki Jarnama kabul edildi. Jarnamada dostlukly we ynanyşykly ýagdaýda geçen duşuşyklaryň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň, şol sanda syýasy, parlamentara, söwda, ulag, energetika ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygyň meseleleriniň ähli ugurlary boýunça pikir alşylandygy nygtalýar. Resminamada bellenilişi ýaly, iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklaryň strategik häsiýetini nazara almak bilen, iki tarapyň hem gyzyklanma bildirýän ugurlarynda hyzmatdaşlygy mundan beýläkde ösdürmegiň zerurdygy bellenildi.

Resminamalara gol çekmek dabarasy tamamlanandan soňra, türkmen halkynyň Milli Lideri we EYR-nyň Prezidenti Seýed Ebrahim Raisi metbugat wekillerine ýüzlenme bilen çykyş etdiler.

Agşam «Saadabad» toplumynyň «Hafeziýe» köşgünde belent mertebeli türkmen myhmanynyň hormatyna Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidentiniň adyndan resmi agşamlyk nahary berildi.

### «MAPNA GROUP» SENAGAT TOPLUMY BILEN TANYŞLYK

31-nji maýda Eýran Yslam Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde türkmen halkynyň Milli Lideri onlarça kompaniýany özünde jemleýän Eýranyň «Mapna Group» senagat toplumynyň işi bilen tanyşdy.

Bu ýerde energetika desgalarynyň taslamalaryny düzmek we olary gurmak, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, nebitgaz, demir ýol hem-de beýleki senagat taslamalaryny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek, şol sanda ugurdaş düzümleri, esasy we kömekçi enjamlary – gaz we bug turbinalaryny, elektrik energiýasyny işläp çykarmak üçin utgaşykly enjamlary öndürmek, suwy arassalamak, demir ýol otlularynyň düzümi üçin lokomotiwleri we beýlekileri öndürmek işleri alnyp barylýar. Mundan başga-da, kompaniýalar topary ulag ulgamlaryny ulanmak hem-de olara tehniki taýdan hyzmat etmek işlerine ýöriteleşdirilendir. Şeýle-de, ol bu ulgamlary elektrikleşdirmek işleri bilen meşgullanýar. Elektromobilleriň önümçiligi üçin düzümleri ösdürmek hem-de olar üçin energiýa beriji stansiýalary gurmak bu holdingiň ulag ulgamynda alyp barýan işleriniň ýene bir ugrudyr.

Şeýle-de, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow bu senagat toplumynyň önümleriniň sergisi bilen tanyşdy. Hususan-da, bu ýerde enjamlaryň dürli görnüşleriniň nusgalary, «akylly» öýleriň, demir ýol düzümleriniň, awtomobilleriň we beýlekileriň nusgalary görkezildi.

### BEÝIK RUHY LIDER BILEN DUŞUŞYK

Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Eýran Yslam Respublikasynyň Beýik ruhy lideri Aýatolla Ali Hameneýi bilen duşuşdy.

Duşuşygyň dowamynda köpýyllyk türkmen-eýran hyzmatdaşlygynyň köpugurly we işjeň häsiýeti nygtaldy. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, biziň ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlarynyň biri bolan Eýran bilen doganlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine Türkmenistanda uly ähmiýet berilýär.

Söhbetdeşligiň barşynda döwletleri hem-de olaryň halklaryny hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň birleşdirýändigine üns çekildi. Üýtgewsiz erk-islege daýanýan gatnaşyklar özara ynanyşykly, deňhukukly hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine ýardam berýär. Şunuň bilen baglylykda, şu gezekki duşuşygyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin ygtybarly binýat bolup hyzmat etjekdigine hem-de oňa täze itergi berjekdigine ynam bildirildi.

## Ýel energiýasynda terawat döwri

Maglumatlara görä, global ýel beketlerinden alynýan energiýanyň möçberi geçen ýyl 78 gigawat artyp, jemi 906 gigawata ýetdi. Üstümizdäki ýylda bu görkezijiniň has-da artyp, 1 terawata ýetmegine garaşylýar. Global ýel energiýa geňeşiniň (GWEC) maglumatlaryna görä, 45 ýyl ozal Daniýada synag maksady bilen başlanan önümçilik häzirki wagtda global energiýa önümçiliginde uly paýa eýe. Geçen ýyl ýel energiýasynyň önümçiligi 9 göterim artypdyr. Bu ösüşiň dowam edip, 2023-2027-nji ýyllar aralygynda jemi 680 gigawat artmagyna garaşylýar. Howanyň üýtgemeginiň öňüni almak üçin alnyp barylýan hem-de energiýa howpsuzlygyny artdyrmak maksady bilen iri maýa goýum taslamalary durmuşa geçirilýär. Gaýtadan dikeldilýän energiýanyň önümçiliginiň artmagynda Hytaý has köp maýa goýum özleşdirýär.



**Allaýar ORAZOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Kosmosda Gün paneli gurlar



Täzelenýän energiýa pudagyna has köp maýa goýum gönükdirýän Ýaponiýa 2025-nji ýyla çenli kosmos giňişliginde energiýa öndürmek maksady bilen Gün panelini gurar. Ýurduň Kosmos Agentligi (JAXA) tarapyndan berlen beýanatda bu taslamanyň üstünde birnäçe ýyldan bäri işlenilýändigi mälim edildi. Agentlik taslamanyň çäklerinde 2015-nji ýylda 50 metrden gysga aralyga 1,8 kilowat elektrik energiýasyny geçirmegi başarypdy. Indi bolsa ýapon hünärmenleri onlarça kilometr uzaklykda öndürilen elektrik energiýasyny Ýere akdyrmagyň aladasyny edýärler. Taslamanyň durmuşa geçirilmegine hususy pudak hem goldaw berer.

Kýoto uniwersitetiniň ylmy işgäri, professor Naoki Şinoharanyň ýolbaşçylyk edýän topary 2009-njy ýyldan bäri kosmosda Günden energiýa almagyň usulyny gözleýär. Taslamanyň çäklerinde kosmosa kiçi göwrümli birnäçe orbita ýerleşdiriler. Bu emeli hemralar ýygnan elektrik energiýasyny Ýerdäki beketlere iberer.

**Aýna MERDANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## ÝOLUŇYZ AK BOLSUN!

**Ýurdumyzda sürüjileriň we ýol hereketine gatnaşyjy pyýadalaryň hereketiň kadalaryny doly we dogry berjaý etmekleri ugrunda uly işleri alyp barmakda Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň örän uly paýy bar. Sebäbi islendik hereketiň hem hadysanyň kada laýyk ýerine ýetirilmegi we onuň ýerine ýetirilişine doly gözegçiligiň bolmagy bu ugurdaky päsgelçilikleri aradan aýryp, ony bütinleý howpsuz ýagdaýa getirýär. Ata Watanymyzda dünýä ülňülerine laýyk gelýän, ýokary hilli täze awtoulaglar yzygiderli satyn alynýar. Olaryň sany wagtyň geçmegi bilen barha artýar. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň öz işine ussat ýokary derejeli kämil hünärmenleri şol awtomobilleriň ýollarda kadaly hereketiniň alnyp barylmagynda möhüm iş alyp barýarlar. Ýollaryň durkuny täzelemek boýunça ýaýbaňlandyrylan işler ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Olar ýol hereketinde sazlaşygy gazanmakda möhüm ähmiýete eýedir. Ýol hereketiniň asudalygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek, agyr ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ilkinji nobatda, hereketе gatnaşyjylaryň ýol hereketiniň kadalaryny dogry berjaý edişine bagly. Ýolda ýöremegiň medeniýetiniň doly we dogry berjaý edilmezligi ýa-da geleňsizlige salynmagy ýol-ulag hadysalarynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Awtoulagy bellenen tizlikden ýokary sürmek, ýoluň pyýadalar üçin göz öňünde tutulmadyk ýerlerinden kesip geçmek ýol-ulag hadysalarynyň döremegine getirip bilýän ýaramaz ýagdaýlardyr. Hormatly raýatlar we sürüjiler! Ýol hereketiniň düzgünlerini doly we dogry berjaý edeliň!**



**Berdimyrat DURDYÝEW,**
*Tejen EPB-niň PÝGB-niň wagyz-nesihat boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

## Hytaýyň ilkinji raýat kosmonawty

29-njy maýda Hytaý «Shenzhou-16» kosmos gämisi bilen üç kosmonawty özbaşdak guran kosmos bekedine iberdi. Üç agzaly ekipažyň arasyndaky Beýhan uniwersitetiniň professory Çžu Ýançžu ýurduň kosmosa iberen ilkinji raýat kosmonawty boldy. Ekipaža mundan ozal üç gezek kosmosa çykan 56 ýaşly Szin Haýpen serkerdelik etdi. Olaryň ýany bilen 36 ýaşly Žu Ýanžu hem kosmosa gitdi. Hytaýyň geçen ýyl özbaşdak guran «Tiangong» atly kosmos bekedi üç ekipaž üçin niýetlenip, olar alty aýdan nobatyny çalyşýarlar.



### KOSMOSDAKY ADAMLARYŇ SANYNDA REKORD

Mälim bolşy ýaly, Ýeriň orbitasynda Halkara Kosmos Bekedi hem bar. Hytaýly kosmonawtlaryň uçurylmagy bilen «Tiangong»-daky kosmonawtlaryň sany wagtlaýynça alta ýetdi. Halkara kosmos bekedine bolsa golaýda hususy syýahatyň çäklerinde dört adam - Saud Arabystanyndan iki (biri zenan), NASA-nyň bir astronawty we bir amerikan işewüri gidipdi. Şeýlelikde, ol ýerdäki ýedi astronawtyň sany on bire ýetdi. Hususy syýahat bilen kosmosa giden dört astronawt 30-njy maý güni «Crew Dragon» gämisi bilen ýzyna dolandy. Şeýlelikde, gysga wagtlygyna Ýeriň orbitasyndaky adamlaryň sany 17-ä ýetdi. Ýeriň orbitasyndaky mundan ozalky rekord 2021-nji ýylyň sentýabrynda hasaba alnypdy. Şonda orbitadaky adamlaryň sany 14-e ýetipdi.

**Ýulduz NURGELDIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*

## Netijelilikde rekord goýuldy

Hünärmenler köp ýyldan bäri binalaryň penjirelerine oturdyp bolýan hem-de elektrik energiýasyny öndürip bilýän aýnalary işläp taýýarlaýar. Bu taslama durmuşa geçirilen ýagdaýynda äpet binalarda sarp edilýän elektrik energiýasy şol binanyň penjireleri arkaly üpjün ediler. Gonkongyň Politehniki uniwersitetiniň bilermenleri 19,3 göterim netijelilik berýän organik paneli işläp taýýarladylar. Uniwersitetiň ylmy işgäri, professor Li Gan täze açyşyň ýanyňda göterilýän elektron enjamlarda hem-de binalara ýerleşdirilýän Gün panellerinde ajaýyp mümkinçilikleri döretjekdigini mälim etdi.



Bu ugurda dünýäde soňky 20 ýyldan bäri iş alnyp barylýar. Professor täze usullardan peýdalanmak arkaly netijeliligi 20 göterimden ýokary çykaryp boljakdygyny belleýär. Ylmy işiň netijeleri barada «Nature Communications» atly žurnalda makala çap edildi. Organiki Gün panelleri has ýuka gatlakly organiki materiallardan emele gelensoň, adaty silikon esasly Gün panellerinden ýeňil we çeýe bolmagy bilen tapawutlanýar. Bu materiallar daşky gurşaw üçin hem zyýansyz hasaplanýar. Ýuka bolandygy üçin bahasynyň hem elýeterli boljakdygy bellenilýär. Dünýäde bu ugurda başga ylmy işler hem durmuşa geçirilýär. Kaliforniýanyň «Ubiquitous Energy» kompaniýasy Gün şöhlesinden elektrik energiýasyny alyp bolýan penjireleri işläp taýýarlaýar. Kompaniýa geljek ýyl önümçilige başlamagy we beýik binalary «dik Gün energiýa beketlerine» öwürmegi meýilleşdirýär.

**Gaýypnazar BALLYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ilkinji zawodyny gurar



Fransiýa Ýewropada awtoulag senagatynyň ösen ýurdy hasaplanýar. Soňky ýyllarda bolsa, elektroulaglaryň sany barha artyp, ýurtda elektroulag üçin gerek bolan käbir ätiýaçlyk şaýlary daşary ýurtlardan satyn alynýar. Elektroulaglaryň iň esasy bölegi bolsa batareýalar hasaplanýar we bu ugurda dünýäde ABŞ hem-de Hytaý öňdeligi eýeleýär. Awtoulag senagatyndaky bu ýetmezçiligiň öňüni almak we bu bazardan has köp paý almak üçin ýurtda ilkinji batareýa zawody gurlar. Bu zawod ýurtda durmuşa geçirilýän «täzeden senagatlaşmak» taslamasynyň çäklerinde gurlar. Iri önümçilik desgasyny «TotalEnergies», «Mercedes-Benz», «Peugeot», «Fiat» we «Chrysler» ýaly brendlere eýeçilik edýän köpmilletli «Stellantis» toparynyň bilelikde döreden «Automotive Cells Company» kompaniýasy gurar.

Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlarda 2035-nji ýyla çenli adaty ýangyçly ulaglaryň satuwy gadagan ediler. Mundan ozal Ýewropa ýurtlarynda ýakyn ýyllarda 50-den gowrak batareýa zawodynyň guruljakdygy mälim edilipdi.

Fransiýa 2030-njy ýyla çenli her ýylda iki million elektroulag öndürmegi meýilleşdirýär.

**Tylla HOJAGULYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 2-si, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-111754
Belgisi: 22/1536
Tiražy: 6504
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Medeni diplomatiýa dabaralanýar



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Baý we gadymy medeniýete eýe bolan halkymyz köpasyrlyk taryhyna aýawly çemeleşýär, ata-babalarymyzyň ruhy gymmatlyklaryny gorap saklamaga, baýlaşdyrmaga we milli däp-dessurlarymyzy gaýtadan dikeltmäge aýratyn üns berýär. Milli gymmatlyklarymyzy we medeni döredijiligimizi giňden wagyz etmek maksady bilen daşary ýurtlarda Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirilýär we köp sanly döredijilik saparlary amala aşyrylýar.

Ýaňy-ýakynda, ýagny 22–26-njy maý aralygynda Rumyniýada geçirilen Türkmenistanyň Medeniýet günleri iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň giňeldilmegine gönükdirilen tagallalaryň, iki döwletiň halklarynyň birek-biregiň taryhyna, medeniýetine uly gyzyklanma bildirýändiginiň aýdyň subutnamasy boldy. Rumyniýanyň paýtagty Buharestde hem-de Konstansa şäherinde geçirilen Türkmenistanyň Medeniýet günleriniň çäklerinde Gündogaryň akyldar şahyry Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygyna gabatlanyp halkara maslahat, amaly-haşam we şekillendiriş sungatynyň sergisi, döredijilik duşuşyklary, Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşigi tarapyndan surata düşürilen «Istärin» atly filmiň görkezilişi, şeýle hem sungat ussatlarynyň konserti, häzirki zaman we milli lybaslaryň görkeziliş dabarasy guraldy.

31-nji maý - 2-nji iýun aralygynda Ermenistanda Türkmenistanyň Medeniýet günleri geçirilýär. Medeniýet günleriniň açylyş dabarasy mynasybetli dostlukly döwletiň paýtagty Ýerewandaky Aram Haçaturýan adyndaky konsert zalynda Türkmenistanyň we Ermenistanyň sungat ussatlarynyň gala konserti geçirildi. Şeýle hem bu medeni çäräniň çäklerinde Owanes Şarambeýan adyndaky halk sungaty muzeýinde ýurdumyzyň amaly-haşam we şekillendiriş sungatynyň sergisi guraldy.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny dabaraly ýagdaýda bellemäge uly taýýarlyk görülýär. Ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky Medeniýet günleriniň çäklerinde Magtymguly Pyragynyň durmuş ýoluna bagyşlanyp surata düşürilen çeper filmiň görkeziliş dabarasy hem geçirilýär. Bu gezek hem Ermenistanyň kino işgärleriniň geňeşinde «Magtymguly» atly çeper film ermeni tomaşaçylarynyň dykgatyna ýetirildi. Ýurdumyzyň Medeniýet günleriniň ýapylyş dabarasy Ermenistanyň Artaşat şäherinde bolup, ol ýerdäki Amo Hazarýan adyndaky drama teatrda ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti boldy.

Ýurdumyzyň medeniýet ulgamy babatda alnyp barylýan döwlet syýasaty türkmen jemgyýetiniň ruhy kuwwatyny berkitmäge, aň-bilim derejesini artdyrmaga, medeni-ahlak gymmatlyklaryny we ruhy bitewüligini aýawly saklamaga gönükdirilendir. Medeniýet ulgamynyň gazanan üstünlikleri sungatyň dürli görnüşlerini gaýtadan dikeltmäge we ösdürmäge, şeýle-de giň halkara medeni gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmäge ýardam edýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda milli mirasy, senetçilik we ussaçylyk däplerini, amaly-haşam sungatyny ösdürmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

**Gülnar ATAKIŞIÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*

# ULAG ULGAMY: TÄZE MÜMKINÇILIKLER WE OŇYN ÖZGERTMELER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu uly göwrümli taslamanyň durmuşa geçirilmegi, awtoulag ýolunyň we desgalarynyň üç basgançakda işlemäge doly taýyn bolmagyny üpjün edýär. Aşgabat–Türkmenabat ýokary tizlikli awtoulag ýoly Türkmenistanda halkara ähmiýetli üstaşyr ulag düzüminiň çalt kemala gelýändiginiň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi. Bu awtoulag ýoly ýurdumyzdaky ulag taslamalarynyň iň irileriniň biridir. Şol taslamanyň durmuşa geçirilmegi üstaşyr awtomobil gatnawlarynyň Aziýa–Ýuwaş umman sebitine çenli uzalyp gidýän awtoýollaryň köp şahaly ulgamyna çalt çykmagyny üpjün eder.

Şeýle hem ýurdumyz Demirgazyk-Günorta geçelgesini ösdürmek babatda uly ähmiýete eýe bolan ýurtlaryň biridir. Demirgazyk-Günorta ulag geçelgesini ösdürmek üçin ýedi ýurduň gatnaşmagynda halkara konsorsiumy döredilýär we eýýäm onuň üçin hukuk düzümi hasaba alyndy. Bu ugurda Gazagystan-Türkmenistan-Eýran ugry boýunça demir ýol ulgamynyň ähmiýeti uludyr.

Türkmenistanyň demir ýol ulgamynyň sebit logistika ulgamyna girizilmegi ýurdumyzyň geografiýa taýdan amatly ýerleşýändigi hasaba alnanda, ykdysadyýetimizi ösdürmegiň wezipelerine laýyk gelýär. Hormatly Prezidentimiz multimodal düzümiň kemala gelmegine gönükdirilen iri möçberli ulag taslamalaryny öňe sürüp, döwletimiziň üstaşyr mümkinçilikleriniň giňeldilmeginiň durmuş-ykdysady hem-de tehnologiýa ösüşiniň, Türkmenistanyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşmagynyň möhüm şertleriniň biri bolup durýandygyny hemişe belleýär. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Gazagystan–Türkmenistan–Eýran demir ýoly, şeýle hem ýurdumyzyň beýleki ulag taslamalary sebitde hem-de onuň çäklerinden daşarda umumy ýagdaýa, Aziýada durnuklylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine oňyn täsirini ýetirer, tutuşlygyna yklym gatnaşyklar ulgamyna goşmaça durnuklylyk berer.

Türkmenistanyň demir ýollarynyň üsti bilen raýatlaryň howpsuz gatnawyny üpjün etmek, ýurdumyzyň ykdysadyýetine wajyp bolan ýükleri daşamak, şeýle hem halkara häsiýetli ýükleri ýurdumyzyň içinden üstaşyr daşamak «Demirýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ilkinji we möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň demir ýol pudagyny ösdürmekde birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň demir ýol düzümini, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmekde daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk hem ösdürilýär. Şeýle hyzmatdaşlygyň hatarynda otly düzümlerini daşamakda ulanylýan döwrebap lokomotiw ulgamyny kemala getirmek esasy üns berilýän ugurlaryň hataryndadyr. Ýurdumyzyň lokomotiw düzümini döwrebaplaşdyrmakda, maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk hem kämilleşdirmekde, esasan, Hytaý we Russiýa bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär.



Hytaý kompaniýasy tarapyndan öndürilen iki bölekli kuwwatly ýük teplowozlarynyň 15-sini getirmek wezipe edilip goýuldy. Häzirki wagta çenli kompaniýa tarapyndan öndürilen ýük teplowozlary tapgyrlaýyn esasda ýurdumyza getirilip, olar «Demirýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň lokomotiw parkyna goşuldy. Milli lokomotiw düzüminiň täze teplowozlar bilen üpjün edilmegi, demir ýollarda ýolagçy, ýük gatnawlaryny has-da kämilleşdirmäge ýardam eder. Türkmenistanyň demir ýol düzümini döwrebaplaşdyrmak işinde Russiýa bilen hyzmatdaşlyk hem yzygiderli ösüşe eýedir.

Ýurdumyzda ýükleri üstaşyr daşamagyň özüneçekijiligini, bäsdeşlige ukyplylygyny we netijeliligini üpjün edýän, bitewi, köpugurly we daşary ýurtlar bilen goşulyşan ulag giňişligini emele getirmäge uly üns berilýär. Aziýa ýurtlarynyň Türkmenistanyň üsti bilen Pars aýlagyna, Türkiýä, Ýewropa ýurtlaryna çykmak mümkinçiligi bar. Soňky ýyllarda gurlan we gurulýan demir ýol, awtomobil we howa ýollary ýurdumyzyň üstaşyr geçelge hökmündäki ähmiýetiniň artýandygyny we ykdysady görkezijileriň ýokarlanýandygyny aýdyň görkezýär.

Dünýä jemgyýetçiligi ýurdumyzyň ulag başlangyçlaryna ýokary baha berýär. Muňa ýaňy-ýakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 77-nji sessiýasynyň 70-nji plenar mejlisiniň dowamynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen, BMG-ä agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda her ýylyň 26-njy noýabryny «Bütindünýä durnukly ulag güni» diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamanyň kabul edilmegi hem aýdyň subutnamadyr.

Hormatly Prezidentimiz we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy halkara çärelerde, ýokary derejedäki duşuşyklarda, halkara sammitlerde ulag-logistika pudagyny ösdürmek, sebitiň üstaşyr ulag geçelgelerini kämilleşdirmek hem-de ony köp şahaly ýagdaýa öwürmek arkaly halkara ulgama goşulyşmak bilen baglanyşykly meseläni gepleşikleriň gün tertibine getirýär. Şonuň netijesinde hem ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň resminama binýady yzygiderli artdyrylyp, möhüm ylalaşyklara gol çekilýär.

**Perman ALLAMYRADOW,**
*«Demirýollary» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Aragatnaşyk we elektrik üpjünçiligi bölüminiň başlygynyň orunbasary, Aşgabat şäheriniň Halk maslahatynyň agzasy.*

# Türkmenistan – bagtly çagalaryň ýurdy



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu Jarnamada gelip çykyşyna, milletine, emläk ýagdaýyna, reňkine garamazdan, ähli babatda çagalaryň deň hukuklary yglan edilýär. Bu sene çagalaryň abadançylygyny üpjün etmäge, olaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmaga, Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan dünýädäki çagalaryň bähbidi üçin alnyp barylýan işleri güýçlendirmäge gönükdirilendir. Baş Assambleýa bu baýramçylygy her döwletiň özüne laýyk hasaplaýan görnüşinde we öz kabul eden gününe görä bellemegini teklip etdi. Çagalary goramagyň halkara güni biziň ýurdumyzda hem giň gerimde bellenilýär. Biziň ýurdumyzda çagalar üçin uly mümkinçilikler döredilýär, ýaş nesliň ylymly-bilimli, sagdyn bedenli ýaşlar bolup ýetişmekleri ugrunda birnäçe işler alnyp barylýar.

Çagajyklaryň arasynda dürli oýunlara güýmenip wagtymyzyň nädip geçenini hem duýman galýan wagtlarymyz bolýar. Gaýgy-aladaň bolsa-da çagalaryň ýanyna baranyňda olar seni öz dünýäsine alýarlar we ähli aladalaryňy bir pursatlyk bolsa-da unutdyrýarlar. Çagalar biziň durmuşymyzyň iň esasy baýlygydyr. Çagalaryň goraglylygyny we olaryň abadan ösüşini üpjün etmek bolsa biziň iň esasy maksadymyz bolup durýar. Olaryň giň dünýägaraýyşly, kämil ruhly we berk bedenli bolup ýetişmekleri biziň her birimiz üçin derwaýysdyr. Çünki biziň ýagty geljegimiz ýaş nesiller bilen aýrylmaz baglydyr. Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli ýurdumyzyň ähli ýerinde giň möçberli dabaralar we medeni çäreler giňden ýaýbaňlandyrylýar. Bagtyýar çagalygyň mekany bolan ata Watanymyz Türkmenistanda ýaş nesliň asuda durmuşda abadan ýaşamagy üçin ägirt uly mümkinçilikler döredilýär. Bu baýramyň bellenilmeginiň esasy sebäbi, çagalaryň hukuklaryny, ilkinji nobatda olaryň ýaşaýyş, bilim, dynç alyş hukuklarynyň goraglylygyny üpjün etmek bolup durýar.

Ýurdumyzda çagalaryň täze bilimleri ele almaklary, dünýägaraýşyny giňeltmekleri, ukyp-başarnyklaryny açmaklary, döredijilik, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklary, zähmete uýgunlaşmaklary üçin giň mümkinçilikler döredildi. Tomus möwsüminiň başlanmagy bilen mekdep okuwçylary Watanymyzyň ähli sebitlerinde, şol sanda ajaýyp Gökderede, Hazaryň ekologiýa taýdan arassa kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda ýokary derejede dynç alyp bilerler, güýç-kuwwat toplarlar. Bu işleriň ählisi her bir çaganyň alada bilen gurşalyp alynmagyny öz içine alýan we Watanymyzyň geljekki ösüşine mynasyp goşant goşjak hemmetaraplaýyn bilimli, ruhy taýdan sagdyn, berk bedenli ýaş nesilleriň kemala gelmegine gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde öz beýanyny tapýar. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň ösüp gelýän ýaş nesillere asuda durmuşy kepillendirmek ugrunda edýän aladalary hem munuň aýdyň görkezijisi bolup durýar. Bagtyýar çagalar barada atalyk aladalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli tutýan tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin! Goý, eziz ýurdumyzda çagalaryň gülki sesleri belent ýaňlansyn!

**Hurmagül ANNAGURBANOWA,**
*Bäherden etrap bedenterbiýe we sport bölüminiň Kärdeşler Arkalaşyklarynyň başlygy, tälimçi-mugallym.*

# ÖSÜŞLERIŇ ÝOLY BILEN

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň möhüm şerti hökmünde milli bilim ulgamy dünýä ülňülerine laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär. Diýarymyzyň ähli şäherdir obalarynda kompýuterler, okuw-tehniki enjamlary, interaktiw-multimediýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen çagalar baglary, orta mekdepler gurlup, milli bilim ulgamy döwrebaplaşdyrylýar. Bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn, hukuk binýadyny yzygiderli berkitmek, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, häzirki zamanyň ösen tehnologiýalaryna erk edýän watansöýüji ýaşlary kemala getirmek babatda uly işler alnyp barylýar.

Ýaş nesilleriň çuňňur bilim almaklary, giň dünýägaraýyşly bolmaklary üçin ýurdumyzda alnyp barylýan bilim syýasaty «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» esasynda alnyp barylýar. Häzirki wagtda maksatnamada bilim ulgamyny kämil derejede ösdürmek, ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak ugrunda kesgitlenen wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bilim ynsan üçin bahasyz baýlyk, ruhy hazynadyr. «Bilimli il – ozar», «Bilim bilen hikmet – altyndan gymmat» diýen ata-babalarymyzdan galan aýtgylar halkymyzyň durmuş şygaryna öwrüldi. Soňky ýyllarda ýurdumyzda dürli düzümlerde gulluk edýän harby gullukçylaryň hünär taýdan kämilleşmegine möhüm ähmiýet berilýär. Bu bolsa Watan goragçylarynyň, şol sanda harby talyplaryň özleriniň saýlap alan hünärlerinde täze belentliklere çykmaga çalyşýanlarynyň sanynyň barha artmagyna getirýär.

Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda harby ylymbilim ulgamy hem kämilleşdirilýär. Harby gullukçylarymyzyň ýokary hilli bilim almaklary üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän şertler döredilýär.

Ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň ýokary okuw mekdeplerinde Ýaş alymlar merkezleriniň, Ýöriteleşdirilen harby mekdeplerde bolsa Innowasion tehnologiýalar we bilim merkezleriniň hereket etmegi harby ylym-bilimiň ösüşine aýratyn ähmiýet berilýändiginiň subutnamasydyr. Harby gullukçylarymyz ylmyň ösüşine öz mynasyp goşantlaryny goşýarlar. Olar ýylyň-ýylyna Ýaş alymlaryň bäsleşiginde, taslama ýaryşlarynda, dürli döredijilik, zehin we ders bäsleşiklerinde uly üstünlikleri gazanýarlar. Harby gullukçylarymyz ylymlar dünýäsinde kemsiz taplanyp, Watanymyzyň we dünýäniň taryhynda öçmejek yz goýan türkmen halkynyň beýik ogullarynyň gahrymançylykly ýollaryny, söweş tärlerini we harby sungatyny mynasyp dowam etdirýärler. Häzirki zaman harby tehnikalaryna we enjamlaryna erk etmek başarnygyny kämil derejede ele alýarlar. Olar döwletimiziň berk goraglylygyny üpjün edip, hormatly Belent Serkerdebaşymyza, eziz Watanymyza wepadarlygyň belent nusgasyny görkezmek bilen, ýurdumyzyň ähli ugurlar boýunça ösüşine saldamly goşant goşýarlar.



Ýurdumyzda ýaşlar hakdaky alada döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýär. 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip yglan edilmegi, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşiniň şu ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girizilmegi, ýaşlaryň bagtyýarlygy ugrunda edilýän aladanyň alamatydyr.

Häzirki wagtda ýaşlaryň hukuklaryny üpjün etmek babatda zerur şertleriň döredilmegi ýörite kanunlarda we maksatnamalarda öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 40-njy maddasynda: «Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär» diýen kada ýurdumyzyň jemgyýetçilik durmuşynda ýaşlar baradaky aladanyň möhüm häsiýetini alamatlandyrýar. Şeýle hem milli kanunçylyk ulgamynda ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän Türkmenistanyň Maşgala, Zähmet kodeksleriniň, «Bilim hakynda», «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda», «Innowasiýa işi hakynda», «Döwlet ylmy-tehniki syýasaty hakynda», «Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi aýratyn bellärliklidir.

Ýurdumyzda ýaşlaryň bilim derejesini ýokarlandyrmak, olaryň öňdebaryjy tehnologiýalara kämil erk edip bilmegi babatda toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Döredilýän mümkinçiliklerden netijeli peýdalanýan ýaşlarymyz bilimiň dürli ugurlary boýunça geçirilýän halkara bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edýärler. Ýaşlar baradaky öňdengörüjilikli döwlet syýasaty, kanunçylyk taýdan üpjün edilen maksatnamalar hemmetaraplaýyn kämil jemgyýetiň kemala getirilmegine, ýaş nesliň berk bedenli, ruhy taýdan kämil, ýokary aň-düşünjeli terbiýelenmegine gönükdirilmek bilen, «Bilimli nesil – kuwwatly Watan» ýörelgesinden ugur alýandyr.

Arkadagly Serdarymyz ýaşlara eziz Watanymyzyň at-abraýyny we beýik geljegini özünde jemleýän gurujylar hökmünde uly ynam bildirýär. Türkmen ýaşlarynyň baş maksady bolsa okamak, öwrenmek, zähmet çekmek bolup, Arkadagly Serdarymyzyň özlerine bildirýän beýik ynamyny ödemekden ybaratdyr.

**Tylla AMANNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň mugallymy.*

# BEÝIK AKYLDARA BAGYŞLANAN NUSGALYK ESERLER

Beýik Magtymguly Pyragy sözüň egsilmez güýji we gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galyp, milli derejä göterilen akyldar şahyrdyr. Magtymguly Pyragy her bir türkmeniň kalbynda hem-de aňynda ýaşap gelýär, onuň goşgulary her bir döredijilik adamy üçin ylham çeşmesi bolup durýar. Türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiligine bagyşlanylyp, ussat kompozitorlar, suratkeşler, heýkeltaraşlar, ýazyjy-şahyrlar we ylmy işgärler tarapyndan köp sanly dürli žanrdaky nusgalyk eserler döredildi. Türkmen kompozitorçylyk mekdebiniň düýbüni tutanlaryň biri, Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi, kompozitor Weli Muhadow özüniň ilkinji simfoniýasyny beýik söz ussady Magtymguly Pyraga bagyşlap döredýär. Bu esere kompozitor «Magtymgulynyň ýadygärligine» diýip at berýär. Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi, professor Aşyr Kulyýew şahyryň goşgularyna, «Aýryldym», «Gözel sen» ýaly birnäçe romanslary we «Magtymguly» atly simfoniki eserini döretdi. Kompozitor we dirižýor Gurban Kulyýew bilen ussat sazanda Sapar Mämiýew bilelikde halk saz guraly orkestri üçin «Magtymguly» eserini döretdi. Ussat kompozitor Nury Halmämmedow Magtymgulynyň goşgularynyň sekizisini özünde jemleýän romanslar toplumyny döretdi. Bu romanslaryň hersi aýratynlykda goşgynyň akgynly beýan edilişi ýaly, milli owazlar bilen baýlaşdyrylyp, ol «Gözel Şirgazy» diýen aýdym bilen başlanýar. Onuň yzyndan «Uýat eýleýir», «Neýläýin», «Näzli dildar», «Soňudagy», «Yzlamaýan bolarmy», «Solupdyr pygan bilen», «Pukaraýam» ýaly goşgularyň üsti mynasyp heňler bilen ýetirilip halka ýaýraýar. Mundan başga-da, Nury Halmämmedowyň «Aýa döndi», «San bolup», Durdy Nuryýewiň «Geçdi diýdiler», «Solupdyr pygan bilen», Daňatar Öwezowyň «Neýläýin», «Bu derdi», «Aýryldym», «Gara gözleriň», Çary Nurymowyň «Armanym galdy», «Ýüzüňden», «Oýanmaz», Weli Muhadowyň «Bu derdi», Nury Muhadowyň «Bu gün», «Aýryldym», Aman Agajykowyň «Aýryldym», Orazgylyç Gurbannyýazowyň «Boýlaryňa» ýaly aýdymlary we romanslary, Weli Ahmedowyň «Gözüm düşdi», Çary Artykowyň «Indi» ýaly Magtymguly Pyragynyň goşgularyna döreden hor eserlerini mysal getirmek bolar.



«Magtymguly, sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýşi ýaly, şahyryň sözlerine aýdym aýtmaýan bagşy ýokdur. Ahal, damana, salyr-saryk, ýomut-gökleň, çowdur, ärsary ýollarynyň ussat bagşy-sazandalarynyň türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň goşgularyny halka ýaýratmakda, wagyz etmekde bitiren hyzmatlary uludyr. Meşhur sazanda Myllý Täçmyradowyň çalan «Kepderi» sazy akyldar şahyryň adybir goşgusyna döredilendir. Türkmenistanyň halk artistleri Ýagmyr Nurgeldiýewiň we Çary Täçmämmedowyň hersiniň aýratynlykda döreden «Pyragy» atly sazlary, Döwletgeldi Ökdirowyň Kerim Gurbannepesowyň sözlerine döreden «Pyragyny gören daglar», Sahy Jepbarowyň Gara Seýitliýewiň sözlerine döreden «Şahyrym», Nazar Begliýewiň «Magtymgulydyr» atly aýdymlary halkymyz tarapyndan söýlüp diňlenýär.

Magtymguly Pyragy barada şahyrlarymyz ençeme goşgulary, ýazyjylarymyz ençeme romanlary döretdiler. Ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» atly hekaýasynda Welmyrat aganyň maşgalasynyň gözüni dikip oturan ýeke düýesini Magtymguly Pyragynyň kitabyna çalyşmagynyň özi-de şahyryň şygyrlarynyň belli bahasynyň ýokdugyny görkezýär. Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň beýany türkmen operasynda-da uly orun tutýar. «Magtymguly» operasy muňa aýdyň mysal bolup biler. Ol 1962-nji ýylda ussat kompozitor Ýuliý Meýtus tarapyndan döredilýär. Türkmenistanyň halk artisti Alty Garlyýew «Magtymguly» kinofilmini döretdi. Beýik akyldar Magtymguly Pyragynyň nusgalyk keşbini ilkinji bolup döreden Aýhan Hajyýewiň döreden «Magtymgulysyny» synladygyňça synlasyň gelýär, onuň ikinji döreden eseri «Magtymguly-zergär» diýen işidir. A.Amangeldiýewiň «Şahyryň sargydy», Ý.Baýramowyň «Magtymguly», Ç.Amangeldiýewiň «Ýaş Magtymguly öz goşgularyny kakasy Azada okap berýär» ýaly işleri hem bellenmäge mynasypdyr.

Türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň ilkinji heýkel ýadygärliginiň awtory Alekseý Şetinindir. Suratkeş W.Muhamedow «Çyn aşyga döwran bu gün» atly eserini döretdi. Magtymguly Pyragynyň Aşgabat şäherindäki Garaşsyzlyk binasynda oturdylan heýkelini döretmäge heýkeltaraşlar B.Annamyradow, S.Babaýew, N.Ataýew we G.Ýarmämmedow dagylar gatnaşdylar.

Halyçylyk sungatynda türkmen gelin-gyzlary A.Taganmyradowanyň, A.Berdiýewanyň, J.Rejebowyň taslamasy boýunça Magtymgulynyň haly portretini nepis haly çitimlerine saldylar.

Magtymguly Pyragy türkmeniň kalbyna iň beýik ynanç, aňyna bolsa durmuşyň ýagşysyny-ýamanyny hatasyz seljerýän mähek daşy, göreçlerine öçmejek nur bolup çaýyldy. Beýik akyldaryň çuňňur pelsepä ýugrulan ajaýyp goşgulary diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň ruhy baýlygyna öwrüldi. Şoňa görä-de, nusgawy şahyryň mertebesiniň türkmeniň taryhyndaky, jemgyýetçilik-syýasy, medeni-edebi durmuşyndaky orny müdimidir.

**Ogulşat BUGRAÝEWA,**
*Balkanabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiň aýdym-saz mugallymy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



**Ählumumy saýlawlar geçiriler.** Ispaniýanyň Premýer-ministri Pedro Sançes parlamenti ýatyryp, möhletinden öň ählumumy saýlawlary geçirmek barada karara geldi. Ses berişlik 23-nji iýulda geçiriler. Bu baradaky karar Ministrler geňeşiniň adatdan daşary maslahatynda resmi taýdan kabul edildi.



**Prezident saýlawlaryna gatnaşmakçy.** ABŞ-nyň Florida ştatynyň gubernatory Ron Desantis 2024-nji ýylyň noýabr aýynda geçiriljek prezident saýlawlaryna gatnaşmak maksady bilen resminamalaryny berdi. Respublikan partiýa wekilçilik edýän Ron Desantis öňki Prezident Donald Tramp bilen bilelikde dalaşgär bolmak üçin tagalla eder.



**Dünýäniň iň uly köýnekçesi.** Rumyniýaly tikinçiler uzynlygy 108 metr, ini 73 metr bolan uly sport köýnekçesini tikip Ginnesiň rekordlar kitabyna girdiler. 120-den gowrak meýletinçi köýnekçäni Buharestdäki sport meýdançasyna ýazmaga tikinçilere kömek etdi.



**Gadymy grek şaýylygy satyldy.** Şweýsariýanyň Sýurih şäheriniň «Numismatica Ars Classica» auksion öýünde seýrek duş gelýän gadymy grek şaýylygy satyldy. Näbelli kolleksiýaçy şaýylyk üçin 6 million dollar töledi. Şaýylygyň ýaşalanyna 2400 ýyl geçipdir. Şaýylyk 1934-nji ýylda Sankt-Peterburgdaky Ermitaž tarapyndan satylypdyr.



**Imperatoryň sagady satyldy.** Hytaýyň soňky imperatory Pu Iniň şweýsar sagady Gonkongdaky «Phillips» auksion öýünde 6,2 million dollara satyldy. 86 ýyllyk taryhy bolan bu sagadyň käbir bölekleri 1929-njy ýyla degişli, ýöne «Patek Philippe» modeli 1937-nji ýylda satylyp ugrapdyr. Dünýäde şeýle modeliň bary-ýogy sekiz sanysy galypdyr.



**Dünýä rekordyny goýdy.** Nigeriýada adaty bolmadyk dünýä rekordy goýuldy. 17 ýaşly Filip Solomon ýarym minutda 153 gezek bir aýagynda ýüpde bökmegiň hötdesinden geldi. Bu üstünlik Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Solomon sekiz gezek artyk bökmek bilen öňki rekordy täzeledi.



**Ispaniýanyň ilaty artýar.** Ispaniýanyň ilaty şu ýylyň birinji çärýeginde 48 milliondan geçip, ýokary derejä ýetdi. Bu barada Patyşalygyň Milli statistika instituty habar berdi. Ýylda 590 müňden gowrak adamyň artmagy daşary ýurtlularyň ýurda köp gelmegi bilen baglanyşykly. Ozalky iň ýokary dereje 2021-nji ýylda hasaba alyndy.



**Iň gadymy eýer tapyldy.** Halkara arheologlar topary Hytaýyň Ýanhaý diýen ýerinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde iň gadymy eýeri tapdylar. Onuň ýaşalanyna 2700 ýyl geçipdir diýlip kesgitlendi. Bu barada «Archaeological Research in Asia» neşiri ýazýar.



**1,3 million dollara satyldy.** Fransiýada 76-njy Kann kinofestiwalynyň çäklerinde söwda guraldy. Häzirki zamanyň iňlis suratkeşi Demien Herst tarapyndan döredilen Leonardo DiKaprionyň portreti 1,3 million dollara satyldy. Şahsy kolleksiýa degişli bolan bu kartina indi kolleksioner Kristian Lewett eýeçilik edýär.

**Filmiň surata düşürilen adasy satylýar.** Bagam adalaryndaky «Karib deňziniň garakçylary» we «Roýal kazinosy» filmleriniň surata düşürilen Littl-Paýp-Keý adasy 100 million dollara satuwa çykaryldy. Adany kärendesine hem alyp bolýar. Adany bir gün kärendesine almak üçin 75-95 müň dollar tölemeli. Ada Floridadan uçarda gelip bolýar.



# ÜÇÜNJI GEZEK TÜRKIÝÄNIŇ PREZIDENTI BOLDY

**28-nji maýda Türkiýede geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda Prezident Rejep Taýyp Ärdogan sesleriň 52 göterimden gowragyna eýe bolup, ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, Türkiýe Respublikasynyň döredilmeginiň 100 ýyllygynyň bellenilýän ýylynda halk Ärdogany geljek bäş ýyl üçin Prezident saýlady.**

**Saýlaw toparynyň başlygy Ahmet Ýener tarapyndan yglan edilen Merkezi saýlaw toparynyň maglumatlaryna görä, býulletenler doly sanalandan soň, Ärdogan 52,18 göterim sese eýe boldy. Onuň bäsdeşi, Respublikan halk partiýasynyň başlygy Kemal Kylyçdaroglu 47,82 göterim sese eýe boldy.**



**14-nji maýda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda Rejep Taýyp Ärdogan 49,52 göterim sese, Kemal Kylyçdaroglu bolsa, 44,88 göterim sese eýe bolupdy. Şonda olaryň hiç biri-de ýeňijini kesgitlemek üçin zerur bolan sesleriň 50 göteriminden gowragyny alyp bilmedi, şonuň üçin ikinji gezek ses berişlik geçirildi.**

**Saýlawlaryň ikinji tapgyryna gatnaşan saýlawçylaryň sany 85%-den gowrak bolup, iki hepde öň geçirilen birinji tapgyrdakydan birneme az boldy.**

**2014-nji ýylda ilkinji gezek saýlanan, 2018-nji ýylda iň ýokary wezipä gaýtadan saýlanan 69 ýaşly Ärdogan üçünji prezidentlik möhletine başlaýar. Ondan öň diňe Türkiýäniň ilkinji üç Prezidenti yzly-yzyna üç möhlet bilen häkimiýet başynda boldy: Respublikany esaslandyryjy Mustafa Kemal Atatürk (1923-1938, dört möhlet), onuň mirasdüşeri Ismet Inönü (1938-1950, dört möhlet) we Mahmud Jelal Baýar (1950-1960, üç möhlet).**

**Ýurtda hereket edýän kanunçylyga görä, iň ýokary derejeli ýolbaşçynyň wezipe möhleti ikiden köp bolup bilmeýär. Ýurtda 2017-nji ýylda sala salşyk geçirilip, ýurduň dolandyryş görnüşi parlament respublikasyndan prezident respublikasyna geçirilipdi. Bu karar 2018-nji ýylda geçirilen nobatdan daşary Prezident saýlawlaryndan soňra güýje giripdi.**

# Möhüm ösüş güýji bolmagynda galýar

Hytaýyň Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň (APR) ykdysady ösüşinde möhüm goşant goşup, durnukly ösüşi dowam etdirmegine, şeýle hem durmuş-hojalyk sarp edişinde güýçli dikelişe eýe bolmagyna garaşylýar. Bu barada Halkara Pul Gaznasy (HPG) tarapyndan çap edilen hasabatda aýdylýar.

HPG-niň Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ykdysady geljegi barada maý aýyndaky synynda Hytaýyň ykdysadyýetiniň şu ýyl HPG-niň 2022-nji ýylyň oktýabr aýyndaky çaklamasyndan 0,8 göterim ýokarlanyp, 5,2 göterim ösjekdigi tassyklanýar.

HPG-niň we «China Finance 40 Forum» seljeriş merkezi tarapyndan geçirilen metbugat ýygnagynda HPG-niň Aziýa-Ýuwaş umman departamentiniň müdiri Krişna Sriniwasan:



– Birinji çärýegiň maglumatlary 2023-nji ýylda boljak ýokary ösüş baradaky çaklamamyzy tassyklady. Çünki häzirki wagtda sarp edilişde güýçli dikeliş göze ilýär – diýdi.

Sriniwasanyň pikiriçe, adatça Hytaýda ykdysady ösüşiň depgininiň 1 göterim ýokarlanmagy, Aziýanyň galan ýerlerinde, takmynan, 0,3 göterim ýokarlanmagyna sebäp bolýar.

HPG-niň hasabatynda aýdylyşy ýaly, käbir päsgelçiliklere garamazdan, Aziýa-Ýuwaş umman sebiti depginli ösýän sebit bolmagyny dowam etdirer. Dinamiki ösüş, esasan, Hytaýdaky ykdysady dikeliş we Hindistanyň ynamly ösüşi bilen şertlendiriler.

HPG-niň çaklamalaryna görä, 2023-nji ýylda sebitiň ösüş depgini 4,6 göterim ösüp, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň global ösüşe 70 göterime golaý goşant goşmagyna garaşylýar. Şeýle hem Hytaýyň şu ýyl global ykdysady ösüşe goşýan goşandynyň 34,9 göterim boljakdygy öňe sürüldi.



# Iň uly «ýaşyl» ammiak zawodyny gurýar

Saud kompaniýasy NGHC azodyň we wodorodyň himiki birleşmesi bolan «ýaşyl» ammiak öndürýän dünýäniň iň uly zawodyny gurmak maksady bilen 8,4 milliard dollar maýa goýdy. Bu barada kompaniýanyň web sahypasynda habar berildi.

«NEOM Green Hydrogen Company» (NGHC) 23 ýerli, sebitleýin we halkara banklar hem-de maýa goýum kompaniýalary bilen resminamalara gol çekenden soň, umumy bahasy 8,4 milliard dollar bolan dünýäniň iň uly «ýaşyl» wodorod zawodynyň gurluşygyny maliýeleşdirer» diýlip, kompaniýanyň metbugat üçin beýanatynda aýdylýar.

Zawodda 2026-njy ýylyň ahyryna çenli her günde 600 tonna ekologiýa taýdan arassa ammiak öndürmek meýilleşdirilýär. Zawod häzirki wagtda sekizburç şekilinde dizaýn edilip, port we logistika merkezini öz içine alýan Oksagon senagat toplumynda gurulýar. Bu merkez Gyzyl deňziň kenaryndaky Tabuk welaýatynda 26,5 müň inedördül metr meýdanda gurulýan futuristik megapolisiň uly «Neom» taslamasynyň bir bölegidir.

Ammiagyň bu görnüşi, edil wodorod ýaly, olary döretmek maksady bilen ulanylýan energiýa çeşmelerine baglydyr. Mysal üçin, «ýaşyl» wodorod we ammiak suwuň elektrolizi arkaly gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden peýdalanylyp alynýan bolsa, mawusy – tebigy gazdan alynýar. Ammiak ýangyç hökmünde ulanylyp bilner.

# Dubaý ýene-de syýahatçylyk REKORDYNY TÄZELEDI

2023-nji ýylyň birinji çärýeginde Dubaýyň myhmanhanalarynda azyndan bir gününi geçiren daşary ýurtly syýahatçylaryň sany 4,67 milliona deň boldy. Bu görkeziji 2022-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 17 göterim ýokary bolup, şol döwürde 3,97 million adam emirlige barypdyr. Bu bolsa pandemiýadan soň birinji çärýekde iň gowy netijedir. Bu barada Dubaýyň ykdysadyýet we syýahatçylyk departamenti habar berýär.

«2023-nji ýylyň birinji çärýeginde daşary ýurtlardan gelýän syýahatçylaryň sanynyň ep-esli artmagy Dubaýyň dünýäde syýahatçylyk pudagynyň dikelmeginde alyp barýan esasy işleriniň biri hökmünde derejesine şaýatlyk edýär». Bu barada Dubaýyň mirasdüşer şazadasy we Ýerine ýetiriji geňeşiniň başlygy Hamdan ben Mohammed ben Raşid Al Maktum mälim etdi.

- Syýahatçylyk pudagy diňe bir ýurduň ykdysadyýetiniň möhüm sütüni bolman, eýsem, bazarlar, medeniýetler we sebitler arasynda köpri hökmünde ornuny berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir. Dubaý mundan beýläkde syýahatçylar üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredip, ýaşamak, syýahat etmek, işlemek we maýa goýmak üçin dünýäniň iň oňat ýerine öwrülmäge tagalla eder – diýip, Hamdan ben Mohammed ben Raşid Al Maktum aýtdy.

BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri we Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktum tarapyndan ýaňy-ýakynda hödürlenen Dubaýyň ykdysady maksatnamasy şäheriň dünýä ykdysadyýetine goşýan goşandyny artdyrmak üçin täze maksatlary öňde goýýar.

Golaýda guralan «Arabian Travel Market» sergisi ýurduň syýahatçylyk pudagynda gazanan netijelerini görkezip, Dubaýy bu ugurda dünýäniň iň çalt ösýän ýeri hökmünde tanatdy.



2023-nji ýylyň birinji çärýeginde Emirlik pandemiýadan öňki syýahatçylarynyň 98 göterimini gazandy. Häzirki wagtda Dubaýyň işewür syýahatçylyk, biznes we dynç alyş pudagyndaky geçirýän çärelerine has köp myhman gelýär.

# Maýa goýumlaryny çekmekde öňdeligi eýeleýär

**Dubaý 2022-nji ýylyň jemleri boýunça täze kärhanalara (Grinfild FDI) göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň mukdary boýunça dünýä sanawynda birinji orny eýeledi. Bu barada Dubaýyň mirasdüşer şazadasy Hamdan ben Mohammed ben Raşid Al Maktum habar berdi.**

**«Dubaý ýyllyk 89,5% ösüş we 47 milliard dirhem (takmynan, 12,8 milliard dollar) GDÝMG akymlary bilen 2022-nji ýylda täze kärhanalara GDÝMG çekmek boýunça dünýäde yzygiderli ikinji ýyl birinji orunda durýar» diýip, Dubaýyň mirasdüşer şazadasy aýtdy. Emirligiň Hökümetiniň metbugat gullugy Dubaýdaky täze taslamalara iň köp maýa goýujylaryň ABŞ (20%), Beýik Britaniýa (13%), Hindistan (12%), Fransiýa (5%) we Şweýsariýa (4%) bolandygyny aýtdy.**

**Mundan ozal, «Financial Times»-yň seljeriş bölümi bolan «fDi Intelligence»-iň maglumatlaryna salgylanyp, «Arabian Business» portaly koronawirus pandemiýasy ýüze çykandan soň, BAE GDÝMG-niň ösüşinde dünýäde birinji orunda durýar diýip habar berdi. Ýurt 2020-nji ýylyň mart aýyndan bäri GDÝMG taslamalarynda iň köp ösüş gazandy. Şol döwürde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy epidemiýanyň tiz ýaýramagyny pandemiýa diýip häsiýetlendiripdi.**

**«fDi Intelligence»-iň dünýä sanawynda arap döwletleri ilkinji üç orny eýeledi, emma G7 toparynyň ýurtlarynyň birnäçesinde GDÝMG azaldy diýip, «Arabian Business» ýazýar. Şeýlelikde, Saud Arabystany we Katar degişlilikde ikinji we üçünji orny eýeledi. GDÝMG taslamalarynda has uly pese gaçmalar Hytaýda, Beýik Britaniýada, Fransiýada we ABŞ-da hasaba alyndy.**



# Ösüş partiýasynyň täze ýolbaşçysy

Wise-premýer, Serbiýanyň goranmak ministri Miloş Wuçewiç, Serbiýanyň Ösüş partiýasynyň (SPP) maslahatyndan soň, partiýanyň täze başlygy boldy.

– Elbetde, dalaşgärligimi hödürländikleri we partiýanyň başlyklygyna saýlandyklary üçin ähli wekillere sagbolsun aýdasym gelýär. Esasan hem, SPP-niň öňki başlygy, ýurduň Prezidenti Aleksandr Wuçiçe partiýamyzyň 11 ýyllap ýolbaşçysy bolandygy üçin hoşallyk bildirýärin – diýip, Miloş Wuçewiç belledi.

Prezident Aleksandr Wuçiç golaýda Wuçewiçiň partiýanyň täze liderligine dalaşgärligini teklip edip, onuň «işini gowy bilýändigini» we «Serbiýanyň Ösüş partiýasyny» talabalaýyk dolandyrjakdygyny aýtdy.

Serbiýanyň lideri geçen ýylyň 28-nji noýabrynda ýurduň dolandyryjy Ösüş partiýasyna soňky gezek ýolbaşçylyk edýändigini mälim etdi. SPP partiýasy Wuçiç we Serbiýanyň öňki prezidenti Tomislaw Nikoliç tarapyndan 2008-nji ýylda döredildi. Wuçiç 2012-nji ýylyň 29-njy sentýabryndan bäri bu partiýa ýolbaşçylyk edip gelýärdi. 2017-nji ýylyň aprelinde, soň bolsa 2022-nji ýylda ol SPP partiýasy tarapyndan ýurduň Prezidenti wezipesine saýlandy. Onuň döwlet Baştutany wezipesine ygtyýarlyklarynyň möhleti 2027-nji ýylda gutarýar.



Wuçiç ozal Serbiýada watançylyga gönükdirilen täze bir syýasy hereket döredýändigini, «onuň maksadynyň Serbiýanyň ösüşi, jemgyýetiň kynçylyklara garşy durmagy» boljakdygyny belläpdi. Wuçiçiň pikirine görä, täze partiýa «giň halk hereketinden» ybarat bolar. Şeýle hem, ol Respublikanyň bähbitlerini gorajak täze «Serb bileleşigini» esaslandyrmagyň zerurdygyny öňe sürüpdi.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1953-nji ýylyň 2-nji iýunynda Londonyň Westminster Abbatlygynda Birleşen Korollygyň Şa zenany Ýelizaweta II täç geýdiriliş dabarasy geçirildi. Ol Korol Georgyň iki gyzynyň ulusydy. Dabaranyň senesi 1952-nji ýylyň 6-njy fewralynda aradan çykan Georg VI matamy gutarandan soň kesgitlenildi.**



# HOJA AHMET ÝASAWYNYŇ ARAMGÄHI ÖWRENILER

**Gazagystanyň Hökümeti Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähini öwrenmek üçin 300 milliondan gowrak tenge bölüp berdi. «Kazinform»-yň habaryna görä, bu barada Respublikanyň Premýer-ministriniň orunbasary Altaý Kulginow tarapyndan mälim edildi.**

**– Häzirki wagtda Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähindäki çyglylygyň derejesini öwrenmek boýunça işler alnyp barylýar. 2022-nji ýylda aramgähiň her böleginde onuň temperaturasyna, çyglylygyna we diwarlaryň jaýrylmagyna gözegçilik edýän ulgam oturdyldy. Degişli ministrlikleriň ygtyýaryndaky ylmy-barlag institutlary Türküstan şäherine baryp, ýerasty, ýerüsti (suwaryş, emeli) suwlaryň aramgähe edýän täsiri barada deslapky gözleg-barlag işlerini geçirdiler – diýip, Kulginow belledi. Kulginowyň aýtmagyna görä, aramgähiň diwarlaryndan kerpiç, stalaktit we çäge garyndysynyň fiziki-himiki we fiziki-mehaniki aýratynlyklaryny kesgitlemek üçin laboratoriýa barlaglary geçirildi.**



**Altaý Kulginow şu ýyl aramgähi öwrenmäge ylmy guramalaryň birnäçesiniň gatnaşjakdygyny aýtdy. – 2022-2024-nji ýyllar üçin toplumlaýyn meýilnama işlenip düzüldi. Bu meýilnamanyň çäginde 2023-nji ýylda dürli ylmy-barlag institutlary tarapyndan aramgähi öwrenmek boýunça işler alnyp barlar. Aramgäh 40 metr beýiklikdäki 35 otagly binadyr. Şunuň bilen baglylykda, uly göwrümli binanyň tehniki ýagdaýyny goramak üçin her ýyl ýurduň býujetinden maliýe serişdeleri bölünip berilýär – diýip, Kulginow aýtdy.**

**Hoja Ahmet Ýasawy (1103-1166) Merkezi Aziýanyň meşhur filosofy, şahyry. Ol eserlerini garahanlylar-uýgur dilinde ýazypdyr. Ol «Hikmetler» atly diwany bilen giňden tanalýar. Sopuçylyk mekdebini esaslandyran bu şahsyýet köp sanly şägirtleri ýetişdiripdir, Merkezi Aziýada yslamyň ösüşinde uly işleri bitiripdir. Hoja Ahmet Ýasawy aradan çykandan 233 ýyl soň, Teýmirleňiň buýrugy bilen Ýassy şäherinde (Türküstan) Hoja Ahmet Ýasawynyň aramgähi gurlup, sebitdäki musulmanlaryň zyýarat edýän ýerine öwrülipdir.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# GÜNÜŇ BATMAÝAN ÝERLERI

**Irden Günüň dogmagy we agşam Günüň batmagy tebigatyň adatyna öwrülen hem bolsa, dünýäniň käbir ýerinde Aýy görmän ýaşaýanlar hem bar. Ýagny, esasan, Demirgazyk polýusa ýakyn ýerlerde ýylyň belli wagtynda birnäçe aýlap Gün ýaşmaýar. Şol ýerlerde uzak wagtlap Günüň dogmaýan, ýagny diňe gijäniň dowam edýän döwri hem bolýar. Bu ýerlerde 24 sagadyň 18-20 sagady ýagty bolup, garaňky düşmeýär. Şeýle bolansoň, bu ýerleriň ýaşaýjylary agşam ýatmaly, irden turmaly wagtyny bilmek üçin howanyň ýagdaýyna däl, eýsem, sagadyň diline seredip bilmeli bolýarlar. Bu ýagdaý Ýeriň Günüň orbitasyndaky ýeri hem-de planetamyzyň orbitada birneme egik ýerleşmegi bilen baglydyr. Bu pasyllaryň emele gelmegine hem sebäp bolýar. Şu ýerlerde ýagtylygyň uzak wagtlap dowam etmegine polýar gündizi, gijäniň dowam etmegine polýar gijesi diýilýär. Bu ýerlerde Gün batmaýan hem bolsa, günüň belli wagty ýagtylyk pesräk bolýar, emma tüm garaňkylyk hem düşmeýär. Sebäbi bu ýerlere Gün kese düşýär. Ine, gündiziň birnäçe aýlap dowam edýän ilatly ýerleriň käbiri:**



**Norwegiýa.** Ýewropanyň demirgazygyndaky bu ýurt «Ýarygije ýurdy» diýlip atlandyrylýar. Norwegiýa demirgazyk polýar aýlawynda ýerleşýär. Bu ýurtda maý aýyndan iýul aýynyň ahyryna çenli, takmynan, 76 günläp Gün ýaşmaýar. Günüň şöhlesi her gün 20 sagat töweregi tutuş sebiti gurşap alýar. Norwegiýanyň gury ýer böleginden ep-esli uzakda ýerleşýän Swalbard adasynda bolsa, 10-njy aprelden 23-nji awgusta çenli Gün ýaşmaýar. Şol sebäpli adanyň adybir şäherine bu tebigy gözellige şaýat bolmak üçin barýan adamlaryň sany az däl.



**Islandiýa.** Islandiýa Beýik Britaniýadan soň Ýewropa yklymynyň iň uly adasy hasaplanýar. Bu ýurtda 10-njy maýdan iýul aýyna çenli Gün şöhlesi ýalkym saçýar. Bu döwürde Gün hemişe gorizontda bolup, şöhle keseligine düşýär. Ada gelýän syýahatçylara haýran galdyryjy demirgazyk uşyklaryny synlamakdan başga-da, gyzykly gezelençler, kitlere syn etmek, buz gowaklarynda ýaşamak, milli seýilgählere aýlanmak we welosiped sürmek ýaly çäreler hödürlenýär.



**Kanada.** Meýdany boýunça dünýäde ikinji orunda durýan ýurduň demirgazyk sebitleri ýylyň dowamynda gar bilen örtülýär. Ýurduň demirgazyk-günbatar sebitlerinde we Inuwik etrabynda tomusda, takmynan, 50 günläp gije bolmaýar. Gün şöhlesiniň 18-20 sagatlap şöhle saçýan möwsüminde bu ýere müňlerçe syýahatçy barýar. Syýahatçylyk pudagynda öňdäki orunlary eýeleýän Kanada, esasan, garda geçirilýän sport görnüşleri we güýmenjeleri bilen meşhurdyr.



**Alýaska.** Haskileri bilen tanalýan dünýäniň iň sowuk ýerleriniň biri bolan Alýaskada maý aýynyň ahyryndan iýul aýynyň ahyrlaryna çenli Gün ýaşmaýar. Owadan we täsin tebigaty bilen syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýan Alýaska galyň buzluklary we gar bilen örtülen daglary bilen meşhurdyr. ABŞ-nyň gury ýerden serhedi bolmadyk bu ştatyna her ýyl buzluklarda gezelenç etmek, Gün şöhlesine ýalpyldaýan garly daglary we kitleri ýakyndan synlamak üçin 1 million töweregi syýahatçy barýar.



**Şwesiýa.** Ýokarda agzalan ýerler bilen deňeşdirilende Şwesiýa maýyl hasaplanýar. Bu ýurtda adatça Gün ýary gije töweregi batyp, maý aýynyň başyndan awgust aýynyň ahyryna çenli gije gysga bolýar. Ýagny 20-22 sagatlap Gün şöhle saçyp durýar. Şwesiýa barýan syýahatçylar balyk tutmak, golf oýnamak, lyžada typmak, demirgazyk uşyklaryna tomaşa etmek hem-de milli seýilgählerde gezelenç etmek arkaly wagtyny geçirýärler.



**Finlýandiýa.** Kölleriň we adalaryň mekany bolan bu ýurduň ýaşaýjylary tomusda 73 günläp garaňkyny görmeýärler. Esasan, gyşky sport görnüşleri bilen meşhur bolan ýurt syýahatçylara gyzykly gezelençleri, tramwaýda şäheri aýlanmak, balyk tutmak we lyžada typmak ýaly güýmenjeleri hödürleýär.



## BADA-BAT IŞLETMEK ZYÝANLY



**Howanyň gyzmagy bilen awtoulaglarda serginlediji işjeň ýagdaýda ulanylýar. Şeýle-de bolsa, hünärmenler, esasan hem, ulag ýaňy işläp başlan mahaly serginledijini açmagyň adam saglygy üçin zyýanlydygyny belleýärler. Aýnasy ýapyk maşynyň Günüň aşagynda durmagy bilen ulagyň içinde benzol ýygnanýar. Benzol zäherli gaz bolup, tomus aýlarynda has köp duş gelýär. Benzol ulagyň içindäki, ýagny önümçilikde awtoulagyň käbir böleklerini ýasamak üçin ulanylýan plastmassadan bölünip çykýar. Benzol adam saglygy üçin gaty howply bolup, süňklere, böwrege we bagyra zeper ýetirip bilýär. Şeýle hem gan öýjüklerini azaldyp, ganazlyga sebäp bolýar.**

**Ulaga münülen badyna sowadyjynyň işledilmegi bilen, turbadaky howa akymlary toplanan benzoly içeri üfleýär. Içerdäki dymyk howa bilen benzolyň garyşmagy netijesinde saglyk üçin zyýanly howa emele gelýär. Şonuň üçin awtoulaga münmezden ozal gapylaryny açyp biraz howasyny täzelemeli. Eger-de howlukmaç ýola çykan bolsaňyz, onda gidip barýarkaňyz ulagyň aýnalaryny açyp, içerdäki zäherli gazlary (dymyk howa) çykarmaly. Soňra serginlediji işledilse, saglyk üçin zyýansyz hem-de talabalaýyk bolar.**

## TOMUS PASLY ÜÇIN MASLAHATLAR

**Tomus paslynyň gelmegi bilen howanyň gyzgynlygynyň derejesi hem ýokarlanýar. Günüň ýiti şöhlesi saglyk üçin zyýanly bolup, ysgynsyzlyga, bedeniň suwuklyk derejesiniň peselmegine, deriniň guramagyna we köýmegine getirýär. Şol sebäpli tomsuna dogry iýmitlenmek we möwsüme görä egin-eşikleri saýlamak esasy şertleriň biri bolup durýar. Bilermenler saglyga zyýan ýetirmezden tomus möwsümini geçirmegiň ýollaryny maslahat berýärler.**

**Gök önümleri we miweleri iýmeli.** Tomusky iýmit sanawynda gök önümdir miwelere esasy orun berilýär. Sogan, hyýar, kädi, garpyz, gawun ýaly gök önümleriň dürli görnüşini iýmek arkaly beden gerekli witaminler bilen üpjün edilýär. Antioksidantlara, witaminlere, minerallara we suwa baý bolan bu önümleri terligine iýmek bilen bir hatarda, olardan işdäaçarlar, süýjülikler we şerbetler hem taýýarlanylýar.

**Suwy köp içmeli.** Tomus möwsüminde beden üçin iň zerur serişde suw bolup, her gün 3 litr suw içmek maslahat berilýär. Yssy howada bedeniň derlemegi bilen öňkülerden köp suwuklyk bölünip çykýar. Deriniň we dodagyň guramagy, kellagyry we başaýlanma ýaly alamatlar bedeniň suw ýetmezçiligini aňladýar. Şol sebäpli suw köp içmeli. Limonly şerbet, garpyz şiresi, kokos suwy we gök çaý hem suwsuzlygy gandyrýan peýdaly içimliklerdir. Tomus möwsüminde kofedir gazly içimlikleri içmek arkaly suwsuzlygy gandyrmak maslahat berilmeýär.

**Az-azdan birnäçe gezek naharlanmaly.** Tomus gök önümleri iýmegiň wagtydyr. Şonuň üçin ýumurtgany we eti az iýmeli. Bu önümleriň köp iýilmegi iýmit siňdirişde kynçylyk döredip, aşgazanyň gyzgynlyk derejesini ýokarlandyrýar. Bu bolsa adamy biynjalyk edip, oňaýsyz ýagdaýa salýar. Yssy howada et önümleriniň ornuny balykdyr guş eti bilen çalyşmak has dogrusydyr. Tomusda az-azdan ýeňiljek naharlanmak maslahat berilýär. Şeýle hem düzüminde köp mukdarda uglewod we ýag bolan iýmitlerden gaça durmaly.

**Gün şöhlesinden goranmaly.** Gün şöhlesi, esasanam, günortan çagy has güýçlenýär. Şol sebäpli zerur bolmasa günortan açyk meýdanda gezmek maslahat berilmeýär. Daň atandan 11:00-a çenli, 17:00-dan soň Gün batýança meýdan işleri bilen meşgullanmak üçin howanyň salkynlaýan wagtydyr. Tomusda nah matadan taýýarlanan egin-eşikleri geýmek Gün şöhlesiniň täsirini azaltmakda peýdaly bolar. Şeýle hem Güne göni seretmekden gaça durmaly. Zerur halatynda saýawan götermegi ýa-da äýnek dakynmagy ýatdan çykarmaly däl.

**Möwsüme görä maşk etmeli.** Tomusda bedeniň köp mukdarda suwuklygy bölüp çykarýandygyny göz öňünde tutmak bilen ýapyk binalarda ýerine ýetirilýän maşklary saýlamaly. Ýüzmek tomus paslyndaky iň gowy maşklar toplumy hasaplanýar. Salkyn howada ýöremek we ýoga bilen meşgullanmak hem tomus pasly üçin amatly maşklardyr.

**Mör-möjeklerden seresap bolmaly.** Tomus meýdan işleriniň gyzgalaňly möwsümi hasaplanýar. Bu möwsümde mör-möjekleriň köpelýändigini göz öňünde tutmak bilen eliňi, boýnuňy we aýaklaryňy ýapyp duran egin-eşik geýmek maslahat berilýär. Şeýle hem daşardan gelip öýe girmezden ozal egin-eşikleriňi silkmek we gözden geçirmek maslahat berilýär.

**Kadaly uklamaly.** Tomusda günler gaty uzyn bolany üçin günortanyna dynç almak (az wagtlyk uky) bedeniň güýç toplamagy üçin peýdalydyr. Gijesine 7-8 sagat uklamak esasy şertleriň biri bolup, kadaly uky alynmadyk ýagdaýynda saglyk bilen bagly meseleler: baş aýlanma, ýadawlyk, ysgynsyzlyk, ýürek bulanma we özüňi agyr duýmak ýaly alamatlar ýüze çykýar.

# ÇAGALAR

**✓ Indianapolisiň Çagalar muzeýi 30 gektar meýdanda ýerleşýän 482 müň 950 inedördül metrlik desgalar toplumy bolup, dünýädäki iň uly çagalar muzeýi hasaplanýar.**



(ERTEKI)

## Ussat neçjar

Ir döwürlerde bir obada ussat neçjar ýaşap, ol agaçdan nepis hojalyk esbaplaryny hem-de gurallaryny ýasapdyr. Ol agaçdan näçe köp zat ýasasa-da tokaýdaky agaçlar birjikde kemelmändir. Sebäbi ussat neçjar haýsydyr bir agajy kesse, ýerine iki nahal oturdar eken. Ýöne neçjar ogullaryna munuň başga bir syrynyň bardygyny hem ýaňzydypdyr. Neçjaryň üç ogly bolupdyr. Ussa garrap tapdan düşenden soň ogullaryny ýanyna çagyryp:

– Siziň her biriňiz tokaýa gidip, hiç zat ýasap bolmaýan agajy kesip getiriň – diýýär.

Ilki bilen uly ogly tokaýa gidýär. Ol derrew bir egri agajy tapyp:

– Şunuň-a sütüni sugunyň tumşugyndan enaýy däl, şahalaram şahyndan. Mundan ne gapy, ne-de bir gural ýasap boljak – diýip, egri agajy kesip kakasynyň ýanyna getirýär.

Goja ussa agajy içgin synlap, mys-mys gülýär.

– Sen-ä han ogul gaty üýtgeşik agaç getiripsiň. Ýöne bu seniň çak edişiň ýaly däl. Mundan azal ýasasaň boljak ahyryn – diýýär-de, ondan azal ýasamaga girişýär. Soňra taýýar bolan azala göz gezdiren goja:

– Şunuň ýaly agaçdan ýasalan azal mäkäm bolup, uzak wagtlap ulandyrar – diýýär.

Tokaýa gitmek gezegi ortanjy ogluna gelýär. Gojanyň bu ogly derde ýaramajak agaç gözläp ýörşüne bilek mysaly bir agajyň üstünden barýar. Oglan agajyň baldagyndan tutup aşak çekýär welin, agaç eplenip duruberýär. «Şundan-a hiç zat ýasap bolar öýdemok» diýip, öz ýanyndan pikir öwren oglan ikirjiňlenmän agajy kesýär-de kakasynyň ýanyna alyp gelýär. Agajy görüp, ýüzi ýagtylan goja:

– Bä, oglum, sen-ä meniň köp wagtdan bäri gözläp ýören agajymy getirdiň. Mundan ýer sürýän öküzimize boýuntyryk ýasasak tüýs ýerine düşer – diýýär-de, ortanjy oglunyň derde ýaramaz diýip getiren agajyndan öküz üçin boýuntyryk ýasaýar.

Ahyry gezek körpe ogluna gelýär. Onuň tokaýa gidenine ep-esli gün bolýar, ýöne näme üçindir ol wagty bilen yzyna dolanmaýar. Ol tokaýda näçe aýlansa-da, derde ýaramaýan agaja duş gelmeýär. Ol tokaýdaky agaçlaryň ählisiniň peýdasynyň bardygyna göz ýetirýär. Üç günden soň öýüne dolanan körpe ogly kakasyna ýüzlenip:

– Men tokaýyň ähli ýerini aýlanyp çykdym, ýöne islendik agajy haýsydyr bir maksat üçin ulansaň boljak. Men-ä derde ýaramaýan agaja duşan däldirin, kaka – diýip, egnini gysýar.

Oglunyň bu sözlerinden hoşal bolan goja, körpe ogluna neçjarçylyk etmäge ak pata berýär:

– Ine, munyň bolýar. Dogrudanam, dereksiz agaç ýok. Agajyň ählisinden özüne laýyk bir zat ýasap bolýar. Bu ussanyň ukyp-başarnygyna bagly. Men tokaýa gidenimde öz ýasajak zadyma görä agaç kesdim, olaryň iň oňaýlysyny saýladym. Bahar paslynda bolsa, kesen agaçlarymyň her biriniň ýerine iki düýp nahal oturtdym. Öz öndürjek zadyňa sazlap, agaç keseň isripçilik bolmaz, tokaýdaky agaçlar hem azalmaz, ýasaýan zadyňam hiç kimiňkiden pes bolmaz...

Işine jür ussanyň beren maslahaty ogullary üçin hemişelik sapak bolýar. Şondan soň gojanyň körpe ogly kakasynyň göreldesine eýerip, agaç ussaçylygyna başlaýar.

**Her kim jeňňele gider, özüne meňzeş agaç keser.**



GAÝYBANA SYÝAHAT

## Indianapolisiň Çagalar muzeýi

ABŞ-nyň Indianapolis şäheriniň Çagalar muzeýi ýurduň iň gowy çagalar muzeýleriniň biri bolup, ýatdan çykmajak täsirleri galdyrýar. Gapysyndan ilkinji gezek giren adamy haýrana goýýan bu muzeýiň girelgesinde beýikligi 9,2 metr bolan köpürjikli suw sagady bar. Aýnaly diwardan ýapyşyp üçekden girip barýan dinozawryň şekili hem gaýtalanmajak pursady döredýär. Esasan hem, kiçi ýaşly çagalara niýetlenen bu muzeýde interaktiw güýmenjeler, tejribe otaglary, galereýa meýdançalary, maşgala üçin gyzykly güýmenjeler bar. Muzeýde gyzykly dynç alyşlar bilen bir hatarda çagalar üçin köpçülikleýin çäreler hem guralýar. 1925-nji ýylda döredilen Indianapolisiň Çagalar muzeýi 30 gektar meýdanda ýerleşýän 482 müň 950 inedördül metrlik desgalar toplumy bolup, dünýädäki iň uly çagalar muzeýi hasaplanýar. Muzeýe her ýyl 1 milliondan gowrak adam barýar.

Muzeýiň binagärlik gurluşygynda heýkeltaraşlyk sungatyna uly üns berlipdir. Muzeýiň merkezi 3 müň 200-den gowrak eseri öz içine alýan 43 metrlik aýna diň bilen bezelipdir. Çagalar aýna üçegiň aşagynda eksponatlary, sungat eserlerini synlamak bilen bir hatarda, dürli oýunlary oýnap bilýärler. Şeýle hem surat çekmek, hekaýadyr goşgy ýazmak ýaly döredijilik işleri bilen meşgullanyp bilýärler. Bu ýer tejribäňi artdyrmagyň hem özboluşly meýdançasy bolup, çagalar sorag-jogap alyşmak arkaly sowatlylygyny artdyrýarlar. Interaktiw güýmenje meýdançasynda geçirilýän sergiler we tejribeler çagalar üçin peýdaly bolup, dürli amallary synagdan geçirip bilýärler.

Dinozawrlaryň ýurdy muzeýiň iň gyzykly başdangeçirmesi bolup, bu meýdançada çagalary birnäçe dinozawr garşy alýar. Bu meýdançada dinozawryň galyndylaryny, aýak yzlaryny we süňklerden düzülen şekilini görmek bolýar. Ondan soňra çagalar Ýeriň milli geografik hazynalarynyň sergisine gatnaşmak bilen dünýäniň dürli künjegine gaýybana syýahat etmäge mümkinçilik gazanýarlar. Mundan başga-da, Müsür, Hytaý medeniýetiniň gadymy galyndylary bilen tanşyp, arheologik işleriň alnyp barlyşyny synlap bilýärler.

35 metr uzynlykdaky Ruben Wells otlusy hem çagalary 1890-njy ýyllara alyp gidýär. Çagalar lokomotiwiň içine girip görmek bilen onuň daş-töweregindäki kiçijik otlulary synlap bilýärler. Hatda kiçijik relsleri düzmek arkaly özleri üçin demir ýol hem gurup bilýärler.

2018-nji ýylda muzeýiň açyk meýdançasynda kiçijik golf meýdançalaryndan başlap, basketbol, futbol oýunlaryny geçirmek üçin meýdançalar hem-de ylgaw ýodalary guruldy. Çagalar bu ýerde işjeň hereketde bolmak bilen dürli maşklary ýerine ýetirýärler. Şeýle hem özara ýaryşlary geçirip, oýunlardan lezzet alýarlar. Çagalar sport dünýäsi meýdançasyna baryp, taýçanakly aýlanýan sallançaga münüp bilýärler.

2000-nji ýylda çagalaryň kitaba bolan söýgüsini ösdürmek maksady bilen muzeýde jemgyýetçilik kitaphanasynyň bölümçesi açylýar. Bu ýerde körpejeler üçin 15 müňden gowrak kitap, wideo we audio ýazgyly eserler saklanýar. Indianapolisiň Çagalar muzeýi çagalar üçin gyzykly we peýdaly güýmenjeleriň merkezi hasaplanýar.



«Bir elde iki garpyz tutdurmaz»

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Durmuşy temada döredilen bu nakylda adamyň başarnygy göz öňünde tutulýar. Nakylda bir elde iki garpyzy tutup bolmaýandygy beýan edilýär. Nakyly seljerenimizde, garpyz bu ýerde iş, hünär, başarnyk manysynda ulanylyp, adamyň birbada iki we ondan köp zady ýerine ýetirip bilmejekdigi aýdylýar. Aslynda ýerine ýetirilip bilner, ýöne ol kämil derejede bolmaz. Ýagny adam ol işi, bu işi ýarym ýerine ýetirip ýörşüne soňundan hünärsiz galar. Iň esasy zat hem belli bir işiň başyny tutman, kämillige ýetip bilmez. Şol sebäpli ata-babalarymyz özüňe belli bir ugry, ýoly saýlap, kämillige ýetmelidigini, saýlan hünäriňde at-abraý gazanmalydygyny ündäpdir. Bu nakyla ugurdaş manyda «Ýüz hünäri çala bilenden bir hünäri doly bil» diýen pähimi mysal getirmek bolar.

LABIRINT



ŞEKILI REŇKLÄŇ!



## Men bärde!

| | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| A | N | Y | T | A | L | K | T | U | S | A |
| K | A | Ý | Ä | P | O | M | I | D | O | R |
| Ä | B | B | M | I | L | E | B | A | G | O |
| D | N | U | Ç | H | O | K | Y | L | A | P |
| I | G | L | A | Y | Ü | G | Z | Ý | N | Ö |
| P | A | G | S | Ý | N | E | J | A | O | R |
| I | B | A | D | A | M | J | A | N | T | K |
| W | U | R | A | R | L | Ö | Ş | W | R | Ä |
| A | L | G | H | U | R | W | I | U | A | Ş |
| F | Ý | A | K | E | L | E | M | L | P | I |
| U | G | Ş | Y | Ç | Ü | N | O | N | A | R |



# Ýiti zehinli halypanyň sarpasy

**Türkmenistanyň halk artisti Täçbibi Gafurowa ýaly halypalaryň nusga alarlyk baý döredijilik ýoluny ösüp gelýän ýaş nesillerimize ýetirmek biziň mukaddes borjumyzdyr.**

**Türkmenistanyň halk artisti Täçbibi Gafurowany men entek talyp ýyllarym öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň sahnasynda dramaturg Towşan Esenowanyň pýesasy esasynda halypa režissýor hem aktýor, Türkmenistanyň halk artisti Ata Alowowyň sahnalaşdyran «Gelin gelýär» atly sahna oýnunda Jöwza atly aýalyň keşbini ussatlarça janlandyranda ilkinji gezek görüpdim. Bu sahna oýnunda Jöwza (Täçbibi Gafurowa), şeýle-de Amansoltan Peleň (Sabyr Ataýewa) ikisiniň gelinleriniň otludan düşenlerinde çalşylmagy we şondan soňky gülküli wakalar dogrusynda söhbet açylýar. Şol keşp hem teatr muşdaklarynyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolup, aktrisa uly şöhrat getiripdi. Täçbibi daýza öz döredýän gahrymanlaryny türkmen zenanlaryna mahsus bolan ajaýyp häsiýetleri siňdirip ussatlyk bilen açyp görkezmegi başarýar.**

Özüniň manyly ömrüni teatr sungatyna bagyş eden Täçbibi Gafurowa 1923-nji ýylyň iýun aýynyň 4-ine Balkan welaýatynyň öňki Çeleken häzirki Hazar şäherçesinde balykçy Abdy Gafuryň we Hatyja daýzanyň maşgalasynda dogulýar. Entek 17 ýaşyndaka sahnada ilkinji keşbini janlandyran meşhur sahna ussadynyň ady türkmen teatr sungatynyň taryhy bilen berk baglanyşyklydyr. Ussat sahna hem kino aktýory Täçbibi Gafurowa diýlende şu günlerem atlary halkyň aňynda ýaşap gelýän sungat ägirtleri Bazar Amanow, Aman Gulmämmedow, Sabyr Ataýewa, Mama Babaýewa, Sona we Suraý Myradowalar, Myrat Seýitnyýazow, Ata Alowow dagy ýadyňa düşýär.











Täçbibi çagalykdan doganlarynyň içinde iň dogumlysy bolup, mekdepde gowy bahalar bilen okaýar. Şol döwürler gowy okaýan çagalary Aşgabatdaky mekdep-internatyna ugradýan ekenler. Täçbibi hem Aşgabatdaky mekdep-internatynda okuwyny dowam etdirmeli bolýar. Soňra Aşgabatdaky mugallymlary taýýarlaýan ýöriteleşdirilen mekdepde okaýar. Bu mekdepde okap ýörkä Moskwanyň Lunaçarskiý adyndaky teatr sungaty institutyndan geljekde türkmen teatr sungatyny ösdürjek zehinli ýaşlary gözläp, halypa mugallymlar gelýär. Täçbibi Gafurowany 200-den gowrak ýaşlaryň arasyndan saýlap, Moskwadaky teatr institutynyň öň okap ýören türkmen toparynyň düzümini doldurmak maksady bilen aktýorçylyk bölümine okuwa iberýärler. Ýöne Moskwa baranlaryndan soň 14 ýaşy dolmadyk gyzy okuwa kabul etmejek bolýarlar. Şonda Täçbibi «Akyl ýaşda däldir, başdadyr» diýip, synag alýan professor mugallymlary öz pikirlerini üýtgetmäge mejbur edýär. Ony kämillik ýaşyna ýetmänsoň synagdan geçirdik edip, şertli ýagdaýda okuwa kabul edýärler. Täçbibi Gafurowa soňy bilen türkmen teatr sungatyna uly goşandyny goşan halypalar Fahriýa Alyýewa, Sabyr Ataýewa, Meret Atahanow, Durdy Saparow, Ata Saryýew dagy bilen bile okaýar.

1941-nji ýylda teatr institutyny jemi 35 sany ýaş artist tamamlaýar. Täçbibi şol toparyň içinde iň ýaş artistleriň biri bolýar. Okuwy tamamlap gelen ýaşlar öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynda döredijilik işine başlaýarlar. Ýokary okuw mekdebini tamamlap gelen ýaşlar institutyň okuw sahnasynda goýlan daşary ýurt nusgawy oýunlaryny türkmen teatrynyň sahnasynda hem dikeldýärler. Şol oýunlar bolsa köp ýyllaryň dowamynda milli teatrymyzyň sahnasyndan düşmän gelipdir.

Täçbibi Gafurowa bütin ömrüni söýgüli teatryna bagyş edip, 200-den gowrak oýunlarda esasy keşplerde çykyş edip, türkmen we başga milletleriň zenanlarynyň täsin häsiýetlerini ussatlyk bilen açyp görkezip, milli teatrymyzyň ösmegine uly goşandyny goşdy, özboluşly ýerine ýetirijilik ussatlygy bilen teatr muşdaklarynyň çäksiz söýgüsine mynasyp boldy. Onuň türkmen dramaturglarynyň ýazan pýesalary esasynda goýlan oýunlarda döreden keşpleri milli teatr sungatymyzyň taryhyna nusgawy ýerine ýetirilen keşpler hökmünde girdi. Halypanyň «Keýmir kör», «Gelinleriň gozgalaňy», «Sekizinji hazyna», «Ykbal», «Söýgi duralgasy», «Söýgi we mekirlik», «Daň atanda», «Wajyp operasiýa», «Şeýtan zürýatlary», «Magtymguly», «Söýgi» atly spektakllardaky biri-birine düýbünden meňzemeýän keşpleri janlandyryşy teatr muşdaklarymyzyň gyzgyn söýgüsini gazanan keşpler bolupdy.

Täçbibi Gafurowa öňki Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň sahnasynda dürli döwürler sahnalaşdyrylyp, halk köpçüligine hödürlenen nusgawy teatr oýunlary bolan W.Şekspiriň «Korol Lirinde», «Romeo we Žulýetdasynda», N.Gogolyň «Derňewçisinde», özbek dramaturgy Hamza Hekimzada Nyýazynyň «Baý we batragynda», G.Şipperiň «Mekirlik we söýgüsinde», M.Gorkiniň «Wassa Železnowasynda», dagystanly dramaturg R.Gamzatowyň «Dagly gyzynda», N.Ostrowskiniň «Günäsiz günäkärlerinde», A.Kahharyň «Agyryly dişlerinde» dürli keşplerde çykyş edip, türkmen tomaşaçylaryna daşary ýurt medeniýetini tanatmakda uly goşandyny goşýar.

Täçbibi Gafurowa türkmen kino sungatynda-da öz ýiti zehinini, ukyp-başarnygyny görkezmegi başardy. Täçbibi daýzany halk köpçüligi, esasan, mahmal sesi bilen tanaýardylar. «Türkmenfilm» kinostudiýasynyň terjime bölüminde hindi filmlerdäki keşplere ses bermek bilen, ol jemi 500-den gowrak filmi türkmen dilinde seslendirýär. Ony halk köpçüligi kinofilmlerde döreden keşpleri bilenem tanaýandyrlar. Täçbibi daýza ilkinji gezek kinorežissýor Meret Atahanowyň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda surata düşüren «Jadyly dür» atly çeper filminde adamsyny urşa ugradan ýaş gelniň keşbinde çykyş edýär.

Onuň kino sungatyndaky uly işleriniň biri kinorežissýor Hangeldi Agahanowyň «Ilkinji ekzamen» atly çeper filmindäki Annagülüň keşbi bolýar. Şol filmde Täçbibi daýza adamsy uruşda wepat bolan, ondan galan ýekeje zürýady Orazyň mylaýym häsiýetli ejesiniň keşbini ussatlarça ýerine ýetiripdi. Şonuň ýaly-da, ol kinorežissýor Muhammet Söýünhanowyň surata düşüren «Meniň dostum Meleguş» atly kinokomediýasynda filmiň baş gahrymany Dilberiň ejesi Golçagülüň gülküli keşbini, kinorežissýor hem aktýor Baba Annanowyň surata düşüren «Agyr ýük» atly daýhanlaryň durmuşyndan gürrüň berýän filminde kolhozçy gelin Ýazgülüň keşbini, şonuň ýaly-da «Aýal ata çykanda» atly çeper filmde döreden keşplerini ussatlarça, ynandyryjy edip janlandyryp, halk köpçüliginiň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolýar.

Täçbibi Gafurowa öz döwründe türkmen telewideniýesinde goýlan teleoýunlarda we radiooýunlarda yzygiderli çykyş edip, owadan sesi bilen türkmen çeper edebi dilinde dürs gepläp, bu sungatlaryň ösmegine-de uly goşandyny goşýar.

Täçbibi Gafurowanyň teatr hem kino sungatyny ösdürmekde bitiren hyzmatlary nazara alnyp, 1960-njy ýylda Türkmenistanyň at gazanan artisti, 1984-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň halk artisti diýen hormatly atlar dakylýar. Ol 2017-nji ýylda Garaşsyzlygymyzyň 26 ýyllygy mynasybetli «Garaşsyz Türkmenistana bolan beýik söýgüsi üçin» diýen orden bilen hem sylaglanýar. Teatr we kino sungatynda ýarym asyrdan hem gowrak zähmet çeken Täçbibi Gafurowanyň döredijiligine halkymyzyň goýýan hormaty, belent sarpasy bimöçberdir. Halkymyza mähir-söýgi paýlan sungat ussatlarynyň köpüsiniň halypasy bolan Täçbibi Gafurowa 2018-nji ýylyň dekabr aýynda aradan çykýar. Täçbibi daýza ýaly ýiti zehinli, mahmal sesli ussat halypalar şägirtleriniň we muşdaklarynyň ýüreklerinde hemişelik ýaşar.

Täçbibi daýza her bir keşbi janlandyrmak ynanylanda: — Gahrymanlarym mydama meniň gapdalymda. Olar özüm bilen des-deň gadam urmasa men şol keşbi çig görýärin — diýer eken.

Täçbibi daýzanyň döwletli maşgalasy bar. Onuň gyzlary Bossan, Gülnar, Bahar bu günki gün bagtly durmuşda ýaşaýarlar. Olaryň hersi saýlap alan hünärlerinde zähmet çekip ýörler. Täçbibi daýzanyň üç gyzyndan bäş agtygy, dokuz çowlugy bar. Agtyklary Nurana bilen Rahymberdi bolsa sungata ýykgyn edýär. Olar öz mamalaryna buýsanyp, Watanymyza guwanyp, durmuşyň hözirini görüp ýaşaýarlar, okaýarlar, zähmet çekýärler. Kölperiň halypasy, ussat aktrisa Täçbibi Gafurowa eger aramyzda ýaşap ýören bolsa şu ýyl 100 ýaşy doljak ekeni.

**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

## 76-njy Kann film festiwaly tamamlandy



**Dünýäniň iň abraýly film festiwallarynyň biri bolan Kann kino şüweleňi tamamlandy. 76-njy gezek geçirilen festiwalda baş baýraga – «Altyn palma» baýragyna fransiýaly zenan režissýor Žýusten Trieniň «Çöküşiň anatomiýasy» (Anatomie d'une chute) atly filmi laýyk görüldi. Festiwalyň ikinji uly baýragy bolan «Gran Pri» baýragyna iňlis režissýory Jonatan Gleýzeriň «Gyzyklanylýan sebit» (The Zone of Interest) filmi mynasyp boldy. Şwesiýaly belli režissýor Ruben Estlundyň ýolbaşçylyk eden eminler toparynyň baýragy-da «Gaçan ýapraklar» (Kuolleet lehdet) filmi üçin finlýandiýaly meşhur režissýor Aki Kaurismakä gowşuryldy. Asly Wýetnamdan bolan fransiýaly Çan Ann Hung «Doden Buffanyň buglamasy» (La Passion de Dodin Bouffant) atly filmi üçin iň gowy režissýor baýragy bilen sylaglandy. Iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary-da degişlilikde, «Ajaýyp günler» (Perfect Days) filmindäki keşbi üçin ýaponiýaly Koži Ýakuşo bilen «Guru otlar üstüne» (Kuru Otlar Üstüne) filminiň ýyldyzy, türkiýeli aktrisa Merwe Dizdara berildi. Merwe Dizdar bu baýragy gazanan ilkinji türkiýeli aktrisa, umumylykda 3-nji artist hökmünde hasaba alyndy. Iň gowy ssenariý baýragyna-da ýaponiýaly meşhur režissýor Hirokazu Kore-edanyň «Nägehan» (Kaibutsu) filminiň ssenariçisi Ýuži Sakamoto mynasyp boldy.**






## 15-nji SKANWORD

**Arazbibi MAGTYMGULYÝEWA,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 26-njy KROSSWORD

● **KESELIGINE:** **1.** Gyz ady. **7.** Boýag. **8.** Tansyň bir görnüşi. **11.** ABŞ-da uly şaglawuk. **13.** Arhitektura ugrundan hünärmen. **16.** Aziýada bir döwlet. **17.** Latyn Amerikanyň meşhur tansynyň bir görnüşi. **20.** Heniz per çykarmadyk jüýje. **21.** Telefonda gepleşilende ilkinji aýdylýan söz. **22.** «... ber, mülk al» (nakyl). **23.** Adalatly. **24.** «Baharda açylan reňbe-reň güller, bir ... açylar, ýaza myhmandyr» (Magtymguly). **25.** «Ýeke baýyň dört ogly, epeý basyp barýar-la, ortasynda ýetim gyz, odun ýygyp barýar-la» (matal). **26.** Edep-ekram. **27.** «Meýdan ... jeňimaglup gaýrylsa» (Mätäji). **29.** Ýyldyzlaryň biri. **31.** Gala, berkitme (köne söz). **34.** Ýagmyr, ýagyn. **36.** Amerikaly professional basketbolçy ... Adam Körri. **37.** Eýesiniň şahsyýetini we raýatlygyny tassyklaýan resminama. **39.** Gyz ady. **42.** Aýlaryň biri. **43.** Käwagt, kämahal. **44.** Ençeme.

● **DIKLIGINE:** **2.** Ýyldyzlar toplumy. **3.** Sarytikeniň dym-gyzyl turşy miwesi. **4.** Uzakdaky zatlara seretmek üçin iki sany ugurdaş gözli turbajyklardan ybarat elde göterilýän enjam. **5.** Ýewropada bir döwlet. **6.** Şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi. **9.** Gapyny ýapmak üçin ildirgiç. **10.** Alaç, tär. **12.** Özüňden uly erkek dogan. **13.** Birleşen Milletler Guramasynyň gysga aňladylyşy. **14.** Sözlemdäki gymyldy-hereketiň wagtyny, ýerini, sebäbini we ş.m. görkezip gelýän aýyklaýjy agza. **15.** Reňk. **17.** Adamlaryň bir ýere jemlenen üýşmegi, toplumy. **18.** Ýazgyt, kysmat. **19.** Fransuz aşhanasynyň ýumurtgadan taýýarlanýan tagamy. **26.** Uly taryhy wakalary beýan edýän epiki häsiýetli çeper eser. **28.** Odun çapmak üçin ýasalan agzy uly palta. **30.** Ispan futbol topary. **32.** Düýp, teý. **33.** Kakaň kakasy. **35.** Agram ölçeg birligi. **38.** Awtoulag ýaryşynyň bir görnüşi. **40.** «Gyzyl ... horazlar harmandadyr ýar-ýar» (monjugatdy). **41.** Şweýsariýanyň paýtagty.

**24-nji krosswordyň jogaby:**



**25-nji krosswordyň jogaby:**



## Bir sözlemde...

- Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da 2-nji finalçy belli bolup, Gündogar Konferensiýanyň finalynyň 7-nji duşuşygynda myhmançylykda «Boston Seltiksi» 103:84 hasabynda ýeňen «Maýami Hit» umumy hasapda 4:3 öňe saýlanyp, NBA-nyň finalynda «Denwer Naggets» bilen duşuşar (ilkinji 3 duşuşyk 2-nji, 5-nji, 8-nji we 10-njy iýunda oýnalar).
- Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de Gündogar Konferensiýanyň finalynda «Karolina Harrikeýnzi» ilkinji 4 oýunda ýeňen «Florida Panters» topary 1996-njy ýyldan soň 2-nji gezek NHL-iň finalyna çykdy.
- Amerikanyň Milli hokkeý ligasy NHL-de Günbatar Konferensiýanyň finalynyň 6-njy duşuşygynda «Dallas Stars» toparyny 6:0 ýeňen «Wegas Golden Naýts» topary 2018-nji ýyldan soň 2-nji gezek NHL-iň finalynda oýnamaga hukuk gazandy (final duşuşyklarynyň ilkinji 4-si 4-nji, 6-njy, 9-njy, 11-nji iýunda geçiriler).
- Golf boýunça 5 uly ýaryşyň biri bolan «Senior PGA Championship»-de amerikaly Stiw Straýker çempionlyk gazanyp, ol 630 müň dollar pul baýragy bilen sylaglandy.
- Stol tennisi boýunça Günorta Afrikanyň Durban şäherinde geçirilen Dünýä çempionatynda erkekleriň arasynda hytaýly Fan Čžendun 8-nji, zenanlardanam hytaýly Sun Inşa 6-njy altyn medalyny gazandy.
- Angliýanyň «Premier Ligasynda» «Çelsi» topary wagtlaýynça wezipä bellän tälimçisi Frank Lampardyň ornuna argentinaly Maurisio Poçettino bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy.
- Portugaliýanyň çempionatynda soňky tapgyrda «Santa Klara» toparyny 3–0 hasabynda ýeňen «Benfika» topary 4 ýyldan soň ilkinji, umumylykda 38-nji çempionlygyny gazandy.

# 1-nji AÝLAW TAMAMLANDY

**Futbol boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 1-nji aýlaw tamamlandy. 1-nji aýlawyň soňky tapgyrynda, has takygy, 9-njy tapgyrda 18 gol hasaba alyndy. 3 oýunda ýer eýeleri, 1 duşuşykda-da myhmançylykdaky topar ýeňiş gazandy.**




Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» bilen duşuşdy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Arkadag» topary 5–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Didar Durdyýewiň het-trik (23 p, 52, 78) eden duşuşygynda ýeňiş gazanan toparyň beýleki gollaryny Begmyrat Baýow (28) bilen Ybraýym Mämmedow (57) geçirdi. «Ahal» toparynyň adyndanam Meýlis Diniýew (39) bilen Begenç Mämiýew (59) tapawutlandy.

2-nji basgançakdaky «Altyn asyr» topary 6 goluň geçirilen oýnunda myhmançylykda «Energetik» toparyndan 4–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda «Altyn asyryň» gollaryny Ahmet Ataýew (5, 22), Rahman Myratberdiýew (45) hem-de Wahyt Orazsähedow (90), «Energetik» toparynyň gollaryny-da Serdar Annamämmedow (37) bilen Baýramsähet Sapargylyjow (78) derwezä girizdi.

Paýtagt derbisinde «Aşgabat» bilen «Köpetdag» toparlary duşuşyp, şäheriň adybir kluby Bäşim Gurbanberdiýew hem-de Jumamyrat Jumaýewiň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 8-si myhmanlardan jemi 10 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda «Köpetdagyň» ýeke-täk goluny 68-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Öwezbaý Muhammetmyradow geçirdi.

«Nebitçi» bilen «Merwiň» arasyndaky oýunda-da balkanabatlylar 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda gollary 2-nji ýarymda 73-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Arslangylyç Nazgylyjow hem-de 85-nji minutda Magtymberdi Berenow derwezä girizdi. Oýnuň 4-nji minutynda «Nebitçiden» Akmämmet Metdäýew 11 metrlik jerime urgusyndan dürs peýdalanyp bilmedi. Şeýle-de 6 oýunçynyň sary kart alan duşuşygynda 89-njy minutda «Nebitçiden» Seýitmämmet Hojamämmedow gyzyl kart aldy (2-nji sarydan).

Şunlukda, 8 duşuşykdan soň 24 utuk toplan «Arkadag» topary ýeňlişsiz liderligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki «Altyn asyr» toparynyň 17, 3-nji basgançakdaky «Nebitçiniň» 16 utugy bar.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 8 | 8 | 0 | 0 | 31–7 | 24 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 8 | 5 | 2 | 1 | 17–6 | 17 |
| 3 | «NEBITÇI» | 8 | 5 | 1 | 2 | 11–8 | 16 |
| 4 | «KÖPETDAG» | 8 | 4 | 2 | 2 | 11–11 | 14 |
| 5 | «AŞGABAT» | 8 | 4 | 0 | 4 | 11–12 | 12 |
| 6 | «ŞAGADAM» | 8 | 2 | 1 | 5 | 6–15 | 7 |
| 7 | «ENERGETIK» | 8 | 2 | 0 | 6 | 5–16 | 6 |
| 8 | «MERW» | 8 | 1 | 2 | 5 | 6–13 | 5 |
| 9 | «AHAL» | 8 | 1 | 0 | 7 | 5–15 | 3 |

# Kanadanyň ýygyndysynyň 28-nji çempionlygy

Hokkeý boýunça Finlýandiýa bilen Latwiýada geçirilen 86-njy Dünýä çempionatynda Kanadanyň ýygyndysy çempion boldy. Finlýandiýanyň Tampere şäherinde oýnalan finalda Kanadanyň ýygyndysy Germaniýanyň ýygyndysyndan 5:2 hasabynda üstün çykdy.




Kanadanyň ýygyndysyna çempionlyk getiren gollary Bleýs (10:47, 44:51), Kruse (37:28) Toffoli (51:51) hem-de Lafton (58:06) geçirdi. Iki gezek öňe geçen nemesleriň adyndan hem Peterka (07:44) bilen Fişbuh (33:47) tapawutlandy. Germaniýanyň ýygyndysy 70 ýyldan soň finala çykdy. 3-nji gezek finala çykan nemesler şolaryň üçüsinde-de ýeňlişe sezewar boldy.

Netijede, Kanadanyň ýygyndysy 1 ýyldan soň çempion bolup, olar 28-nji çempionlygyny baýram etdiler. Soňky 10 ýylda 4 gezek çempionlyk gazanan Kanadanyň ýygyndysy 3 sapar hem finalda utuldy. Bu çempionlykdan soň Kanadanyň ýygyndysy çempionlyk gazanmakda Russiýadan öňe geçdi. Russiýanyň 27 (22-si SSSR, 5-si Russiýa) çempionlygy bolup, olar 2-nji ýeri eýeleýär. 86 gezek geçirilen çempionatda çehler 12, şwedler 11, finler 4, amerikanlar 2, britanlar hem-de slowaklar 1 gezek çempion bolmagy başardy.

Ýer eýelerinden Latwiýanyň ýygyndysy 3-nji ýer üçin duşuşykda ABŞ-nyň ýygyndysyny owertaýmyň netijesinde 4:3 hasabynda ýeňip, taryhynda ilkinji gezek bürünç medala mynasyp boldy.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip, latwiýaly Artur Şilow saýlandy. 7 gol geçirip, 7 goluň pasyny beren amerikaly Rokko Grimaldi çempionatyň iň netijeli oýunçysy boldy.

Çempionat nobatdaky gezek geljek ýyl Çehiýada geçiriler.

# Soňky tapgyrda öňe saýlandy

Dünýäniň öňdebaryjy 3 welosiped bäsleşiginiň biri bolan «Giro d'Italia» ýaryşy tamamlandy. 21 günläp dowam eden 106-njy «Giro d'Italia» welosiped ýaryşynda 21 tapgyr geçirildi.

3448 kilometrlik ýaryşy 85 sagat 29 minut 2 sekuntda tamamlan 33 ýaşyndaky Primož Rogliç «Giro d'Italia» ýaryşynyň ýeňijisi boldy. «Jumbo–Visma» toparynyň sloweniýaly türgeni bu ýaryşda ilkinji gezek çempionlyk gazanmagy başardy. Ol 20-nji tapgyrda ýeňiş gazanyp, ýaryşyň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda britaniýaly Tomas Geraýntdan öňe saýlanyp, 1-nji orna geçdi. Bu ýeňiş Primož Rogliçiň 3 uly ýaryşdaky 4-nji çempionlygy bolup, ol mundan ozal «Vuelta a Espana» welosiped bäsleşiginde yzly-yzyna 3 (2019, 2020,2021) çempionlyk gazanypdy.




Ýaryşda «Ineos Grenadiers» toparynyň britaniýaly türgeni Tomas Geraýnt ýeňijiden 14 sekunt yza galyp, 2-nji orna mynasyp boldy. «UAE Team Emirates» toparynyň portugaliýaly welosipedçisi Žoao Almeida ýeňijiden 1 minut 15 sekunt pes netije görkezip, ýaryşy 3-nji orunda tamamlamagy başardy.

Dag ýaryşynda «Groupama – FDJ» toparynyň fransuz türgeni Tibo Pino kanadaly Derek Gi («Israel – Premier Tech») hem-de irlandiýaly Ben Hiliden («EF Education – EasyPost») öňe saýlandy. Utuk toplamakda «Bahrain Victorious» toparynyň italýan wekili Jonatan Milan, şol sanda ýaşlaryň arasynda «UAE Team Emirates» toparyndan portugaliýaly Žoao Almeida ýeňiş gazandy.

# Çempion ýeňiş gazanmagyny dowam edýär

Formula 1 boýunça möwsümiň 7-nji ýaryşy Monakonyň paýtagty Monte-Karlonyň köçelerinde geçirildi. F1-iň iň naýbaşy «Gran Prisi» hasaplanýan bu bäsleşikde «Red Bulluň» niderland sürüjisi, häzirki çempion Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ilkinji hatardan başlan ýaryşynda 78 aýlawy 1 sagat 48 minut 51,980 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 4-nji, karýerasyndaky 39-njy ýeňşidir.




Werstappenden 27,921 sekunt soň pellehanadan geçen ispaniýaly Fernando Alonso («Aston Martin») 2-nji ýeri, «Alpine» toparynyň fransuz piloty Esteban Okon bolsa ýeňijiden 36,990 sekunt yza galyp, 3-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň britan sürüjileri Lýuwis Hamiltonyň 4-nji, Jorj Rasselliň 5-nji ýeri eýelän ýaryşynda bu möwsümde-de kem-kemden çempionlykdan daşlaşýan «Ferrari» toparynyň sürüjileri Şarl Lekler 6-njy, Karlos Saýns Junior 8-nji bolup bäsleşigi tamamladylar.

«Alpine» toparynyň beýleki fransuz sürüjisi Pierr Gasli 7-nji bolup, «McLaren» toparynyň sürüjileri britaniýaly Lando Norris 9-njy, awstraliýaly Oskar Piastri 9–10-njy ýerleri eýelediler.

Monako «Gran Prisinden» soň sürüjileriň sanawynda Maks Werstappeniň liderligi dowam edýär. Bassyr 3-nji çempionlygyna barýan Werstappeniň 144 utugy bar. 2-nji ýerdäki topardaşy, meksikaly Serhio Peres 105 utuk toplady. Fernando Alonso 93 utuk bilen 3-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 6-njy ýaryşy Emilia-Romanýa «Gran Prisi» (Italiýa) güýçli ýagan ýagyşdan soň emele gelen sil sebäpli geçirilmändi. F1-de indiki ýaryş 4-nji iýunda Ispaniýada geçiriler.

## ÝEWROPADA NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:

3-nji iýun (şenbe):

SSKA — Rostow (19:00)
K. Sowetow — Spartak (19:00)
**Man. Siti — Man. Ýunaýted (19:00)**
/FA Kubogynyň finaly/
**Barselona — Wolfsburg (19:00)**
/UEFA Zenanlar Çempionlar Ligasynyň finaly/
Seltik — Inwernes (21:30)
/Şotlandiýanyň Kubogynyň finaly/
Torino — Inter (21:30)
**Leipsig — Aýntraht (23:00)**
/Germaniýanyň Kubogynyň finaly/
Nant — Anže (00:00)
Oser — Lans (00:00)

4-nji iýun (ýekşenbe):

Galatasaraý – Fenerbahçe (21:00)
Braga – Porto (21:15)
/Portugaliýanyň Kubogynyň finaly/
Wilýarreal — Atletiko (21:30)
Real Madrid — Atletik (21:30)
**Genk — Antwerpen (21:30)**
**Ýunion S.Žillua — K. Brýugge (21:30)**
Walýadolid — Hetafe (00:00)
Selta — Barselona (00:00)
**Betis — Walensiýa (00:00)**
Milan — Werona (00:00)
Roma — Spesiýa (00:00)

7-nji iýun (çarşenbe):

**West Ham — Fiorentina (00:00)**
/Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň finaly/

# «Borussiýa Dortmund» çempionlygy «Bawariýa» sowgat etdi




Germaniýanyň çempionatynda çempion soňky minutlarda belli boldy. 2-nji ýerdäki «Bawariýadan» 2 utuk öňde barýan «Borussiýa Dortmund» toparyna çempionlyk üçin ýeňiş gazanmagy ýeterlikdi. Öz meýdançasynda «Maýns» toparyny kabul eden dortmundlylara bu oýunda ýeňiş gazanmak başartmady. Utanda-da, utulanda-da hiç hili peýdasy ýa-da ýitgisi bolmaýan «Maýns» 1-nji ýarymda 2–0 öňe saýlandy. 15-nji minutda Hançe-Olseniň goly bilen myhmanlar hasaby açdylar. 19-njy minutda dortmundlylar hasaby deňläp bilerdi. Ýöne Sebastian Halleriň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi sowmagy başardy. Oýnuň 24-nji minutynda Onisiwo tapawutlanyp, hasaby 2–0-a ýetirdi.

### YZLY-YZYNA 11-nji ÇEMPIONLYK WE REKORD

2-nji ýarymda-da hüjüm baryny eden «Borussiýa Dortmund» oýun gutarmanka zordan hasaby deňläp ýetişdi. 69-njy minutda Gerreýro, 90+6-njy minutda-da Süle tapawutlandy we hasap deňlendi. Ýöne bu deňlik çempionlyk üçin ýeterlik bolmady. Sebäbi myhmançylykda «Köln» bilen duşuşyk geçirýän «Bawariýa» soňky minutlarda ýeňiş gazanmagy başarýar. 7-nji minutda Komanyň goly bilen öňe saýlanan «Bawariýanyň» derwezesinden hasaby deňlän goly 81-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Lýubiçiç geçirdi. Bu gol dortmundlylary az-owlak ynjaldypdy. Ýöne ruhdan düşmedik münhenliler 89-njy minutda Musialanyň goly bilen 2–1 öňe saýlanyp, nobatdaky gezek «Bundesliganyň» çempionlygyny gazandy. Başgaça aýdylanda, «Borussiýa Dortmund» öz elindäki çempionlygy «Bawariýa» berdi. Şeýlelikde, «Bawariýa» bassyr 11-nji, «Bundesligada» 33-nji, umumylykda-da Germaniýanyň çempionatynda 34-nji gezek çempion bolmagy başardy. «Bawariýanyň» yzly-yzyna gazanan 11-nji çempionlygy Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynyň arasynda rekorda deňdir. «Bawariýa» ýene-de yzly-yzyna 4 çempionlyk gazansa, onda olar Ýewropanyň rekordyny hem täzelärler.

«Bundesligada» 4-nji ýeri eýelän «Union Berlin» topary taryhynda ilkinji gezek UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

Myhmançylykda «Leipsig» toparyndan 4–2 hasabynda asgyn gelen «Şalke» toparyna «Bundesligada» 1 ýyl çykyş edeninden soň çempionatda galmak başartmady we ýene-de 2-nji liga dolandy.

# PSŽ-niň hem-de Messiniň rekordlary

Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de PSŽ toparyna çempionlyk üçin 1 utuk gerekdi. Myhmançylykda «Strasbur» bilen duşuşan PSŽ 1–1 (Gameýro 79 — Messi 59) deňme-deň oýnap, çempionlyk üçin ýeterlik bolan 1 utugy gazandy we bassyr 2-nji, umumylykda-da 11-nji çempionlygyny baýram etdi. PSŽ bu çempionlygy gazanmak bilen «Ligue 1»-de iň köp çempion bolan topar rekordynyň ýeke-täk eýesi boldy. Parižliler bu ugurdaky rekordy «Sent-Etien» bilen paýlaşýardy.

Soňky 11 ýylda 9 gezek çempionlyk gazanan PSŽ utugyny 85-e ýetirip, möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda «Lansdan» 4 utuk öňe saýlandy. «Lans» bolsa çempionaty 2-nji ýerde tamamlap, 21 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy.



Duşuşykda PSŽ-niň goluny geçiren Lionel Messi Ýewropanyň öňdebaryjy 5 çempionatynyň iň netijeli futbolçysy boldy. 496-njy goluny geçiren Messi bu ugurda 495 golly Kristiano Ronaldodan öňe saýlanyp, rekordy öz adyna geçirdi.

Ligadan gitjek 4-nji topar «Nant» ýa-da «Oser» bolup, ol 38-nji tapgyryň duşuşyklaryndan soň kesgitlener.

# «Galatasaraý» toparynyň 23-nji birinjiligi

Türkiýäniň çempionatynda «Galatasaraý» topary wagtyndan öň çempionlyk gazandy. 36-njy tapgyrda myhmançylykda «Ankaragüjü» bilen duşuşan «Galatasaraý» 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Jim Boma» ýeňiş getiren gollaryň 2-sini soňky 6 duşuşykdan bäri tapawutlanyp gelýän Mauro Ikardi, şol sanda Barys Ýylmaz bilen Seržio Oliweiro geçirdi. Şunlukda, «Galatasaraý» utugyny 82-ä çykaryp, 2-nji ýerdäki «Fenerbahçeden» 5 utuk öňe saýlandy. «Galatasaraý» topary 3 ýyldan soň 23-nji çempionlygyny gazandy. Türkiýäniň çempionatynda iň köp çempion bolan toparlaryň sanawynda «Galatasaraý» 1-nji ornuny saklap gelýär. Bu ugurda 2-nji orundaky «Fenerbahçeniň» 19, 3-nji ýerdäki «Beşiktaşyň» 16 çempionlygy bar.



**PREMIER LEAGUE (38) — 33 gol**

**Southempton—Liwerpul: 4–4** (Word-Prouz 19, Sulemana 28, 48, Armstrong 64 — Žota 10, 73, Firmino 14, Gakpo 72), **M. Ýunaýted—Fulham: 2–1** (Sanço 39, Bruno Fernandeş 55 — Tete 19), **Lester—West Ham: 2–1** (Barns 34, Fas 62 – Fornals 79), **Lids—Tottenham: 1–4** (Harrison 67 — Keýn 2, 69, Porro 47, Lukas Moura 90+5), **Ewerton—Bornmut: 1–0** (Dukure 57), **K. Palas—Nottingam: 1–1** (Hýuz 66 — Awonýi 31), **Çelsi—Nýukasl: 1–1** (Trippier 27 ö.d. — Gordon 9), **Brentford—M. Siti: 1–0** (Pinnok 86), **A. Willa—Braýton: 2–1** (Duglas Kosta 8, Watkins 26 — Undaw 38), **Arsenal—Wulwerhempton: 5–0** (Džaka 11, 14, Saka 27, Žesus 58, Kiwýor 79)

**LA LIGA (37) — 24 gol**

**Sewilýa—Real Madrid: 1–2** (Rafa Mir 3 — Rodrigo 29, 69), **Walensiýa—Espanýol: 2–2** (Lopes 38, Lino 90+3 — Montes 40, Breýtweýt 50), **Žirona—Betis: 1–2** (Gutierres 36 — Iglesias 47, 77), **R. Wallekano—Wilýarreal: 2–1** (De Tomas 56, Palason 63 — Lo Çelso 83), **Almeriýa—Walýadolid: 0–0, Kadiz—Selta: 1–0** (Sobrino 53), **Hetafe—Osasuna: 2–1** (Latasa 39, Mata 90 — Awila 2), **Barselona—Malýorka: 3–0** (Fati 1, 24, Gawi 70), **Atletiko—R. Sosiedad: 2–1** (Grizmann 37, Molina 73 — Serlot 88), **Atletik—Elçe: 0–1** (Boýe 90+2)

**SERIE A (37) — 34 gol**

**Sampdoriýa—Sassuolo: 2–2** (Gabbiadini 8, Erliç 78 ö.d. — Berardi 9, Enrike 11), **Spesiýa—Torino: 0–4** (Wişnewski 24 ö.d., Riççi 72, Iliç 76, Karamo 90+6), **Salernitana—Udineze: 3–2** (Kastanos 43, Kandrewa 57, Troost-Ekong 90+6), **Fiorentina—Roma: 2–1** (Ýowiç 85, Ikone 88 — El-Şaarawi 11), **Inter—Atalanta: 3–2** (Lukaku 1, Barella 3, Martines 77 — Paşaliç 36, Onana 90+1 ö.d.), **Werona—Empoli: 1–1** (Gaýç 61 — Maniýani 90+6 ö.d.), **Monza—Leççe: 0–1** (Kolombo 90+11 p), **Bolonýa—Napoli: 2–2** (Ferguson 63, De Silwestri 84 — Osimhen 14, 54), **Lasio—Kremoneze: 3–2** (Hýusaý 4, Milinkowiç-Sawiç 37, 89 — Galdames 54, Lazzari 58 ö.d.), **Ýuwentus—Milan: 0–1** (Žiru 40)

**LIGUE 1 (37) — 28 gol**

**Anže—Trua: 2–1** (Abdelli 38, Rao-Lisoa 90 — Şawaleren 13), **Klermon—Loriýan: 2–0** (Haui 44, Kofrie 74), **Lans—Aýaçço: 3–0** (Maçado 16, Tomasson 22, Openda 34 p), **Lill—Nant: 2–1** (Dewid 48 p, 88 — Merlen 17), **Lion—Reýms: 3–0** (Agbadu 2 ö.d., Lakazett 9, Kakere 82), **Marsel—Brest: 1–2** (Mbemba 76 — Magnetti 57, Kamara 81), **Monpelie—Nissa: 2–3** (Sawanýe 7, 17 p — Barkli 53, Lýabord 67, 79), **Renn—Monako: 2–0** (Maýer 52, Guiri 73), **Strasbur—PSŽ: 1–1** (Gameýro 79 — Messi 59), **Tuluza—Oser: 1–1** (Abuhlal 44 — Raweloson 24)

**BUNDESLIGA (34) — 27 gol**

**Borussiýa M—Augsburg: 2–0** (Netz 4, Hofmann 40), **Bohum—Baýer: 3–0** (Förster 19, Asano 34, Şteger 86), **Borussiýa D—Maýns: 2–2** (Gerreýro 69, Süle 90+6 — Hançe-Olsen 15, Onisiwo 24), **Aýntraht—Fraýburg: 2–1** (Kolo Muani 83, Ebimbe 90+1 — Grifo 45), **Köln—Bawariýa: 1–2** (Lýubiçiç 81 p — Koman 8, Musiala 89), **Leipsig—Şalke: 4–2** (Laýmer 10, Nkunku 19, 90+4, Poulsen 83 — Kaminski 28, Orban 49 ö.d.), **Ştutgart—Hoffenhaým: 1–1** (Tomaş 80 — Bebu 75), **Union Berlin—Werder: 1–0** (Hedira 81), **Wolfsburg—Herta: 1–2** (Kaminski 2 — Maza 55, Rihter 68)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI (Ç) | 38 | 28 | 5 | 5 | 94-33 | 89 |
| 2 | ARSENAL | 38 | 26 | 6 | 6 | 88-43 | 84 |
| 3 | M. ÝUNAÝTED | 38 | 23 | 6 | 9 | 58-43 | 75 |
| 4 | NÝUKASL | 38 | 19 | 14 | 5 | 68-33 | 71 |
| 5 | LIWERPUL | 38 | 19 | 10 | 9 | 75-47 | 67 |
| 6 | BRAÝTON | 38 | 18 | 8 | 12 | 72-53 | 62 |
| 7 | ASTON WILLA | 38 | 18 | 7 | 13 | 51-46 | 61 |
| 8 | TOTTENHAM | 38 | 18 | 6 | 14 | 70-63 | 60 |
| 9 | BRENTFORD | 38 | 15 | 14 | 9 | 58-46 | 59 |
| 10 | FULHAM | 38 | 15 | 7 | 16 | 55-53 | 52 |
| 11 | K. PALAS | 38 | 11 | 12 | 15 | 40-49 | 45 |
| 12 | ÇELSI | 38 | 11 | 11 | 16 | 38-47 | 44 |
| 13 | W. HEMPTON | 38 | 11 | 8 | 19 | 31-58 | 41 |
| 14 | WEST HAM | 38 | 11 | 7 | 20 | 42-55 | 40 |
| 15 | BORNMUT | 38 | 11 | 6 | 21 | 37-71 | 39 |
| 16 | NOTTINGAM | 38 | 9 | 11 | 18 | 38-68 | 38 |
| 17 | EWERTON | 38 | 8 | 12 | 18 | 34-57 | 36 |
| 18 | LESTER | 38 | 9 | 7 | 22 | 51-68 | 34 |
| 19 | LIDS | 38 | 7 | 10 | 21 | 48-78 | 31 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 38 | 6 | 7 | 25 | 36-73 | 25 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 36 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 30 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 20 |
| 4 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 19 |
| 5 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 18 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA (Ç) | 37 | 28 | 4 | 5 | 69-18 | 88 |
| 2 | REAL MADRID | 37 | 24 | 5 | 8 | 74-35 | 77 |
| 3 | ATLETIKO | 37 | 23 | 7 | 7 | 68-31 | 76 |
| 4 | R. SOSIEDAD | 37 | 20 | 8 | 9 | 49-34 | 68 |
| 5 | WILÝARREAL | 37 | 19 | 6 | 12 | 57-38 | 63 |
| 6 | BETIS | 37 | 17 | 8 | 12 | 45-40 | 59 |
| 7 | OSASUNA | 37 | 14 | 8 | 15 | 35-41 | 50 |
| 8 | ATLETIK B | 37 | 14 | 8 | 15 | 46-42 | 50 |
| 9 | ŽIRONA | 37 | 13 | 10 | 14 | 57-53 | 49 |
| 10 | R. WALLEKANO | 37 | 13 | 10 | 14 | 45-50 | 49 |
| 11 | SEWILÝA | 37 | 13 | 10 | 14 | 46-52 | 49 |
| 12 | MALÝORKA | 37 | 13 | 8 | 16 | 34-43 | 47 |
| 13 | WALENSIÝA | 37 | 11 | 8 | 18 | 41-44 | 41 |
| 14 | HETAFE | 37 | 10 | 11 | 16 | 34-45 | 41 |
| 15 | KADIZ | 37 | 10 | 11 | 16 | 29-52 | 41 |
| 16 | ALMERIÝA | 37 | 11 | 7 | 19 | 46-62 | 40 |
| 17 | SELTA | 37 | 10 | 10 | 17 | 41-52 | 40 |
| 18 | WALÝADOLID | 37 | 11 | 6 | 20 | 33-63 | 39 |
| 19 | ESPANÝOL | 37 | 8 | 12 | 17 | 49-66 | 36 |
| 20 | ELÇE | 37 | 5 | 9 | 23 | 29-66 | 24 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 23 |
| 2 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 18 |
| 3 | HOSELU (Espanýol) | 16 |
| 4 | Borha IGLESIAS (Betis) | 15 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 15 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI (Ç) | 37 | 27 | 6 | 4 | 75-28 | 87 |
| 2 | LASIO | 37 | 21 | 8 | 8 | 58-30 | 71 |
| 3 | INTER | 37 | 22 | 3 | 12 | 70-42 | 69 |
| 4 | MILAN | 37 | 19 | 10 | 8 | 61-42 | 67 |
| 5 | ATALANTA | 37 | 18 | 7 | 12 | 61-46 | 61 |
| 6 | ROMA | 37 | 17 | 9 | 11 | 48-37 | 60 |
| 7 | ÝUWENTUS | 37 | 21 | 6 | 10 | 55-33 | 59 |
| 8 | TORINO | 37 | 14 | 11 | 12 | 42-40 | 53 |
| 9 | FIORENTINA | 37 | 14 | 11 | 12 | 50-42 | 53 |
| 10 | MONZA | 37 | 14 | 10 | 13 | 46-47 | 52 |
| 11 | BOLONÝA | 37 | 13 | 12 | 12 | 50-47 | 51 |
| 12 | UDINEZE | 37 | 11 | 13 | 13 | 47-47 | 46 |
| 13 | SASSUOLO | 37 | 12 | 9 | 16 | 46-58 | 45 |
| 14 | EMPOLI | 37 | 10 | 13 | 14 | 37-47 | 43 |
| 15 | SALERNITANA | 37 | 9 | 15 | 13 | 48-60 | 42 |
| 16 | LEÇÇE | 37 | 8 | 12 | 17 | 31-43 | 36 |
| 17 | SPESIÝA | 37 | 6 | 13 | 18 | 30-60 | 31 |
| 18 | WERONA | 37 | 7 | 10 | 20 | 30-56 | 31 |
| 19 | KREMONEZE | 37 | 4 | 12 | 21 | 34-69 | 24 |
| 20 | SAMPDORIÝA | 37 | 3 | 10 | 24 | 24-69 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 25 |
| 2 | Lautara MARTINES (Inter) | 21 |
| 3 | Bulaýe DIA (Salernitana) | 16 |
| 4 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 13 |
| 5 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 13 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ (Ç) | 37 | 27 | 4 | 6 | 87-37 | 85 |
| 2 | LANS | 37 | 24 | 9 | 4 | 65-28 | 81 |
| 3 | MARSEL | 37 | 22 | 7 | 8 | 67-39 | 73 |
| 4 | LILL | 37 | 19 | 9 | 9 | 64-43 | 66 |
| 5 | RENN | 37 | 20 | 5 | 12 | 67-38 | 65 |
| 6 | MONAKO | 37 | 19 | 8 | 10 | 69-56 | 65 |
| 7 | LION | 37 | 18 | 8 | 11 | 64-44 | 62 |
| 8 | KLERMON | 37 | 16 | 8 | 13 | 42-47 | 56 |
| 9 | NISSA | 37 | 14 | 13 | 10 | 45-36 | 55 |
| 10 | LORIÝAN | 37 | 14 | 10 | 13 | 50-52 | 52 |
| 11 | REÝMS | 37 | 12 | 15 | 10 | 44-42 | 51 |
| 12 | MONPELIE | 37 | 14 | 5 | 18 | 62-61 | 47 |
| 13 | TULUZA | 37 | 12 | 9 | 16 | 49-56 | 45 |
| 14 | BREST | 37 | 11 | 11 | 15 | 43-52 | 44 |
| 15 | STRASBUR | 37 | 9 | 13 | 15 | 50-57 | 40 |
| 16 | OSER | 37 | 8 | 11 | 18 | 34-60 | 35 |
| 17 | NANT | 37 | 6 | 15 | 16 | 36-55 | 33 |
| 18 | TRUA | 37 | 4 | 11 | 22 | 44-80 | 23 |
| 19 | AÝAÇÇO | 37 | 6 | 5 | 26 | 22-74 | 23 |
| 20 | ANŽE | 37 | 4 | 6 | 27 | 33-80 | 18 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 28 |
| 2 | Aleksandr LAKAZETT (Lion) | 27 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 24 |
| 4 | Habib DIALLO (Strasbur) | 20 |
| 5 | Folarin BALOGUN (Reýms) | 20 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA (Ç) | 34 | 21 | 8 | 5 | 92-38 | 71 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 34 | 22 | 5 | 7 | 83-44 | 71 |
| 3 | LEIPSIG | 34 | 20 | 6 | 8 | 64-41 | 66 |
| 4 | UNION BERLIN | 34 | 18 | 8 | 8 | 51-38 | 62 |
| 5 | FRAÝBURG | 34 | 17 | 8 | 9 | 51-44 | 59 |
| 6 | BAÝER | 34 | 14 | 8 | 12 | 57-49 | 50 |
| 7 | AÝNTRAHT | 34 | 13 | 11 | 10 | 58-52 | 50 |
| 8 | WOLFSBURG | 34 | 13 | 10 | 11 | 57-48 | 49 |
| 9 | MAÝNS | 34 | 12 | 10 | 12 | 54-55 | 46 |
| 10 | BORUSSIÝA M | 34 | 11 | 10 | 13 | 52-55 | 43 |
| 11 | KÖLN | 34 | 10 | 12 | 12 | 49-54 | 42 |
| 12 | HOFFENHAÝM | 34 | 10 | 6 | 18 | 48-57 | 36 |
| 13 | WERDER | 34 | 10 | 6 | 18 | 51-64 | 36 |
| 14 | BOHUM | 34 | 10 | 5 | 19 | 40-72 | 35 |
| 15 | AUGSBURG | 34 | 9 | 7 | 18 | 42-63 | 34 |
| 16 | ŞTUTGART | 34 | 7 | 12 | 15 | 45-57 | 33 |
| 17 | ŞALKE | 34 | 7 | 10 | 17 | 35-71 | 31 |
| 18 | HERTA | 34 | 7 | 8 | 19 | 42-69 | 29 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Niklas FÜLLKRUG (Werder) | 16 |
| 2 | Kristofer NKUNKU (Leipsig) | 16 |
| 3 | Remdel KOLO MUANI (Aýntraht) | 15 |
| 4 | Winçenzo GRIFO (Fraýburg) | 15 |
| 5 | Serž GNABRI (Bawariýa) | 14 |

# TARYHY ÇEMPIONLYKDAN 7 ÝYL SOŇ AŞAKY LIGA DÜŞDI

**Angliýanyň çempionatynda** soňky tapgyrda «Mançester Siti» myhmançylykda «Braýtondan» soňky minutlarda Pinnogyň geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn geldi. Çempionaty 6-njy orunda tamamlan «Braýton» topary täze möwsümde taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşar. 6 ýyldan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşjak «Arsenal» öz meýdançasynda «Wulwerhemptonyň» derwezesinden jogapsyz 5 pökgi girizdi. Duşuşykda Džaka 2 gezek tapawutlandy. Harri Keýniň 2 gol geçiren oýnunda «Tottenham» myhmançylykda «Lids Ýunaýtedi» 4–1 hasabynda ýeňdi. Keýniň gollary 30-a ýetip, ol 2-nji gezek bir möwsümde 30 gol geçirdi we bu ugurda Alan Şirerden soň 2-nji ýerde barýar. «Tottenhamdan» asgyn gelen «Lids» topary 3 ýyldan soň ýene-de 2-nji liga düşdi. 2-nji liga düşen soňky topar 2015/16 möwsüminde asyryň çempionlygyny gazanan «Lester Siti» topary boldy. «West Ham» toparyny 2–1 hasabynda ýeňse-de, bu ýeňiş olaryň ligada galmagy üçin ýeterlik bolmady. «Lester Siti» topary 9 möwsümden soň 2-nji liga dolandy. Angliýanyň ýokary ligasynda iň köp çykyş eden topar «Ewerton» bu möwsümde-de soňky pursatlarda ligada galmagy başardy. Angliýanyň çempionatynda şu möwsümde jemi 760 duşuşykda 1084 gol geçirilip, 38 tapgyrly möwsümleriň arasynda bu görkeziji rekorda deňdir.



* * *

**Ispaniýanyň çempionatynda** çempion «Barselona» Fatiniň 2 gol geçiren oýnunda «Malýorkany» 3-0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda çykyş eden Serhio Buskets hem-de Žordi Alba soňky sapar «Barselonanyň» köýnekçesi bilen «Kamp Nouda» meýdança çykdy. «Real Madrid» bolsa myhmançylykda «Sewilýany» Rodrigonyň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy. «Atletiko Madridden» 2–1 hasabynda asgyn gelen «Real Sosiedad» topary 5-nji ýerdäki «Wilýarrealyň» «Raýo Wallekanodan» utulmagyndan soň Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy. San sebastianlylar 9 ýyldan soň UEFA-nyň iň uly klub ýaryşyna wekilçilik ederler. Myhmançylykda «Walensiýa» bilen 2–2 deňme-deň oýnan «Espanýol» 1 ýyldan soň ýene-de 2-nji liga düşdi. «La Ligadan» gitjek 3-nji topar soňky tapgyrda belli bolar. 41 utugy bolan «Kadiz», «Hetafe», «Walensiýa», 40 utukly «Almeriýa» bilen «Selta» hem-de 39 utukly «Walýadolid» toparlarynyň haýsy hem bolsa biri aşaky liga düşer.




* * *

**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi oýnunda «Milan» myhmançylykda «Ýuwentusy» Oliwie Žirunyň 40-njy minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu ýeňişden soň «Milan» Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazandy. «Ýuwentus» bolsa 11 ýyldan soň Çempionlar Ligasynyň daşynda galar. Şeýle-de, «Ýuwentus» şu möwsümde 10-njy gezek ýeňlişe sezewar bolup, turinliler soňky sapar 2010/11 möwsüminde 10 sapar utulypdy. «Atalantany» 3–2 hasabynda ýeňen «Inter» hem Çempionlar Ligasyna wekilçilik eder. Çempion «Napoli» myhmançylykda «Bolonýa» bilen duşuşyp, 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. 2–0 öňe saýlanan «Napoliniň» gollarynyň ikisini hem Wiktor Osimhen geçirdi. Soňky tapgyryň oýunlaryndan soň «Spesiýa» ýa-da «Werona» «Serie A» bilen hoşlaşar.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# UEFA Ýewropa Ligasy: «Sewilýa» toparynyň iň eý görýän ýaryşy

**UEFA-nyň 2-nji derejeli klub ýaryşy bolan Ýewropa Ligasynda 2022/23 möwsüminiň çempiony belli boldy. Wengriýanyň paýtagty Budapeştdäki «Puşkaş Arena» stadionynda oýnalan finalda Ispaniýanyň «Sewilýa» topary bilen Italiýanyň «Roma» topary duşuşdy. Angliýaly Antoni Teýloriň eminlik eden oýny diýseň dartgynly geçdi. Duşuşyga 61 476 janköýer tomaşa etdi. Duşuşyk 2 topar üçinem möhüm bolup durýardy. Sebäbi çempionaty şowsuz tamamlan bu klublaryň biri duşuşygyň ahyrynda Çempionlar Ligasyna gatnaşmaga hukuk gazanýardy.**

Italýan kluby oýna hüjümler bilen başlap, olar 35-nji minutda öňe saýlandylar. Bu goly Mançininiň pasyndan soň argentinaly ýyldyz hüjümçi Paula Dibala geçirdi. Duşuşygyň 1-nji ýarymy 1–0 hasap bilen tamamlandy. Ispan kluby 2-nji ýaryma hüjümler bilen girişdi. Şol hüjümleriň biri öz oňyn netijesini berip, hasap deňleşdi. Oýnuň 55-nji minutynda sag gyradan Hesus Nawasyň jerime meýdançasynyň içine geçiren topuny Mançini ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi.



Esasy wagtyň galan minutlarynda klublaryň eden tagallalary hasaby üýtgetmek üçin ýeterlik bolmady. Goşmaça 30 minutda-da ilki «Sewilýa», soňra «Roma» öňe saýlanmak üçin hüjümlerini artdyrdy. Ýöne iki tarapa-da hasaby üýtgetmek başartmady. Netijede, ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitlemeli edildi. Bu urgularyň başyny başlan «sewilýalylar» ýeke gezek hem ýalňyşmadylar. «Sewilýanyň» adyndan Okamposyň, Lamelanyň, Rakitiçiň, gaýtadan ýerine ýetiren Montieliň urgulary takyk boldy. «Romadan» Kristante şowly başlan hem bolsa, topardaşlary — Mançininiň urgusyny derwezeçi sowdy. Ibanýesiň urgusy bolsa sütünden yzyna gaýtdy. Şunlukda, 11 metrlik urgularynda 4–1 hasabynda öňe saýlanan «Sewilýa» topary 3 ýyllyk arakesmeden soň 7-nji gezek Ýewropa Ligasynyň çempionlygyny gazandy. Andalusiýalylar mundan ozal 2006-njy we 2007-nji ýyllarda yzly-yzyna 2, soňra 2014-nji, 2015-nji hem-de 2016-njy ýyllarda bassyr 3 gezek, soňky sapar hem 2020-nji ýylda UEFA-nyň 2-nji derejeli kubogyny gazanypdylar. Bu ugurda özleri bilen bäsleşýän «Sewilýa» toparyna iň golaý klublaryň 3 çempionlygy bar.

- Duşuşygyň iň ökde oýunçysy diýlip, «Sewilýanyň» marokkoly derwezeçisi Ýassin Bunu saýlandy.
- Ispan klublary 14-nji gezek kubogy eýeläp, olar bu ugurda 9 çempionlygy bolan iňlisdir italýan klublaryndan öňde barýarlar.
- «Sewilýanyň» tälimçisi Hose Luis Mendilibar 62 ýaş 78 gün bilen bu kubogy gazanan iň ýaşuly tälimçi rekordyny Maurizio Sarriden (60 ýaş 139 gün) almagy başardy.
- Tälimçi Mourinio, şol sanda 13 futbolça, jemi 14 sary kart görkezilip, bu rekorda deňdir.
- «Sewilýa» topary Ýewropa Ligasynda pleý-off tapgyrlarynda 50-den köp duşuşyk geçiren ilkinji topar boldy (52 oýun).
- Mundan öň UEFA-nyň ýaryşlaryndaky 5 finalynda-da kubogy eýelän Žoze Mourinio ilkinji gezek finalda asgyn geldi.
- «Sewilýa» topary täze möwsümde UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar.

**«SEWILÝA»:** Ýassin Bunu – Hesus Nawas (k) (Gonzalo Montiel 94), Loik Bade, Nemanýa Gudelž (Markao 120+8), Aleks Telles (Karim Rekik 94) – Fernando (Joan Jordan 120+8), Iwan Rakitiç – Lukas Okampos, Oliwer Torres (Suso 46), Braýan Gil (Erik Lamela 46) – Ýussef En-Nesiri; Tälimçi: Hose Luis Mendilibar.

**«ROMA»:** Rui Patrisio – Janluka Mançini, Kris Smolling, Rojer Ibanýes – Zeki Çelik (Nikola Zalewski 91), Braýan Kristante, Nemanýa Matiç (Edoardo Bowe 120), Leonardo Spinazzola (Diego Llorente 106) – Lorenzo Pellegrini (k) (Stefan El-Şaarawi 106), Paulo Dibala (Jeorjinio Weýnaldum 68), Toni Abraham (Andrea Belotti 74); Tälimçi: Žoze Mourinio.





# «Premier Liganyň» 51-nji kluby

Angliýanyň 2-nji ligasy bolan «EFL Championship»-den «Premier Liga» çykan 3-nji klub hem belli boldy. Pleý-off tapgyrynyň final duşuşygynda «Wembley» stadionynda «Kowentri Siti» bilen «Luton Town» toparlary duşuşdy. 23-nji minutda Jordan Klarkyň goly bilen öňe saýlanan «Luton Town» topary 66-njy minutda Gustawo Hameriň goluna çäre tapyp bilmedi. Netijede, duşuşygyň esasy wagty 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy. Goşmaça wagtda-da üýtgän zat bolmady. Ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitläp, «Luton Town» toparynyň oýunçylary 6 urgyny-da dürs urmagy başardy. «Kowentri Siti» toparynda-da 6-njy urgyny Dabo ýerine ýetirip, derwezeçi onuň urgusyny saklamagyň hötdesinden geldi. Şunlukda, Luton şäherçesiniň wekili taryhynda ilkinji gezek «Premier Ligada» çykyş etmäge hukuk gazandy. Soňky sapar 1991/92 möwsüminde Angliýanyň ýokary ligasynda, şol wagtky 1-nji Diwizionda çykyş eden «Luton Town» topary «Premier Ligada» çykyş etjek 51-nji klub hökmünde hasaba alyndy. Rob Edwardsyň tälim berýän kluby 1885-nji ýylda esaslandyrylyp, topar taryhynda 4-nji gezek Angliýanyň iň ýokary ligasynda çykyş etmäge hukuk gazandy. 1955/56 möwsüminde ýokary liga çykan «Luton Town» 1959/60 möwsüminde 2-nji liga düşdi. 1974/75 möwsüminde ýokary liga çyksa-da, şol möwsümiň ahyrynda ýene-de 2-nji liga dolandy.



1982/83 möwsüminde 3-nji gezek ýokary liga dolanan klub 1991/92 möwsümine çenli çykyşyny dowam etdirdi. Şol möwsüm çempionaty 20-nji orunda tamamlan «Luton Town» topary çempionat «Premier Liga» adyny alanyndan soň (1992/93) ilkinji gezek çykyş eder. 2010-njy ýyldan soň 5-nji liga çenli hem düşen klub 2019/20 möwsüminde 2-nji liga, «EFL Championship»-e çykypdy. Geçen möwsüm 6-njy ýeri eýelän klub bu möwsümde 3-nji orny eýeledi we pleý-offdan soň «Premier Liga» çykdy. «EFL Championship»-de «Börnli» kluby çempion bolup, «Şeffild Ýunaýted» 2-nji ýeri eýeläpdi.



«Luton Town» topary öz duşuşyklaryny 1905-nji ýylda gurlan 10 356 orunlyk «Kenilworth Road» stadionynda oýnaýar.

Pleý-offuň finalynda utulan «Kowentri Siti» topary 23 ýyldan soň «Premier Liga» dolanmak mümkinçiligini elden giderdi.





# ANGLIÝADA ÝYLYŇ TÄLIMÇISI WE ÝYLYŇ FUTBOLÇYSY BELLI BOLDY

Angliýanyň «Premier Ligasynda» ýylyň tälimçisi baýragyna çempion «Mançester Sitiniň» ispaniýaly tälimçisi Pep Guardiola mynasyp boldy. Ol bu ugurda watandaşlary Mikel Arteta («Arsenal») bilen Unai Emeriden («Aston Willa»), şol sanda Eddi How («Nýukasl»), Roberto De Zerbi («Braýton») hem-de Marko Silwa («Fulham») dagydan öňe saýlandy. Pep Guardiola bu baýragy 4-nji gezek eýeläp, ol mundan öň 2017/18, 2018/19 hem-de 2020/21 möwsümlerinde-de ýylyň tälimçisi saýlanypdy. Guardiola bu babatda Žoze Mourinio hem-de Arsen Wengerden öňe geçmegi başardy. «Premier Ligada» ýylyň tälimçisi baýragyny iň köp Ser Aleks Ferguson gazanyp, ol 11 gezek bu hormata laýyk görüldi.

Şeýle-de, «Mançester Sitiniň» norwegiýaly super ýyldyzy Erling Holann hem «Premier Ligada» goşa baýragy birden gazandy. Ol «Premier Ligada» ýylyň futbolçysy hem-de ýylyň ýaş futbolçysy baýraklaryny bilelikde gazanan ilkinji oýunçy hökmünde adyny taryha ýazdyrdy.

**Super ýyldyz yzly-yzyna 4-nji gezek ýylyň futbolçysy saýlandy**

Fransiýanyň çempionatynda çempionlyk gazanan PSŽ-niň super ýyldyzy Kilian Mbappe «Ligue 1»-iň futbolçysy diýlip saýlandy. 24 ýaşyndaky futbolçy bu ugurda topardaşy Lionel Messiden, «Lill» toparynyň kanadaly ýyldyzy Jonatan Dewidden, şeýle-de «Lansyň» futbolçylary Seko Fofana bilen Lois Opendadan öňe saýlanmagy başardy. Şunlukda, Kilian Mbappe «Ligue 1»-de ýylyň futbolçysy baýragyny bassyr 4-nji gezek eýeledi. 2019-njy, 2021-nji we 2022-nji ýyllarda bu baýragy alan Mbappe çempionatda 33 oýunda 28 gol geçirdi. Baýrak 2020-nji ýylda pandemiýa sebäpli hiç kime berilmedi.










Abuna–2023

TÄZELIKLERI TÄZELIGINE OKAŇ!

GADYRLY OKYJYLAR!

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2023-nji ýylyň II ýarymy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Gazetimize ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz. Şeýle-de gündelik täzelikleri *«zamanturkmenistan.com.tm»* internet sahypasyndan okap bilersiňiz.




www.zamanturkmenistan.com.tm INDEKSI 69477